# SYÝASY   ETIKA

Aşgabat - 2010

**Muhammet Akmyradow.** Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniń talyplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty N.Suwhanowyň ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Muhammet Akmyradow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Giriş

2007-nji ýyl türkmen jemgyýeti üçin ruhy-ahlak taýdan aýratyn joşgunly ýyl boldy. Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň Prezidentlige ählihalk tarapyndan saýlanylmagy ýylyň esasy syýasy wakasy boldy. Bu waka garaşsyz, bitarap Türkmenistanyň öz ösüşiniň täze basgançagyna – milletiň beýik Galkynyş eýýamyna gadam urmagy bilen şöhratlandy.

Beýik Galkynyş, täze özgertmeler zamanasynda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasaty beýgelmek, ösmek bilen ösusiň täze belentliklere galýar. Şonuň bilen bir wagtda-da hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe surülen “Döwlet adam üçindir” diýen ýörelge saýasynda adam hakyndaky aladanyň döwlet, ýürt möçberinde yzygiderli amala aşyrylýandygyna özgerlişikleriň ählisiniň sosial ugra, ýagny adamlaryň ähli eşretlerden peýdalanyp bolelin ýaşamygyna gönukderliligine göz ýetirýärsiň. Muňa ýurdumyzyň ähli ýerlerinde ustünlukli amala aşyrylýan „Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş, ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy mysal bolup biler. Ýurdumyz ägirt uly gurluşyk meýdançasyna öwürildi, zawod, fabrikler gurulýar, gaz geçirijiler geçirilýär, beýleki önümçilik obýektler gurulýar. Hojalyk reformalary ilaty sosial taýdan ygtybarly goramak bilen utgaşdyrylyp geçirilýär.

Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet baştutanynyň wezipesine girişen gününden başlap, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny düýpli özgertmäge başlady. Onuň başlangyjy we ýolbaşçylygy bilen ýurtda demokratiýany pugtalandyrmaga, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandymaga gönükdirilen ägirt giň gerimli, ösüşli özgertmeler ýaýbaňlandy.

Ýurtda başlanan täze eýýamyň sergin şemalyna halkymyz gowy göz ýetirýär we ony tüýs ýürekden kabul edýär. Munuň

özi adamlara ganat bekläp, olaryň ertirki günlerine ynamlaryny artdyrýar, olaryň döredijilik ruhuny ýokary galdyrýar, olary jan aýamazdan, yhlas bilen, ak ýürekden işlemäge atarýar.

Muňa ýurtda geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmeler aýdyňlyk bilen şaýatlyk edýär. Şeýle özgertmeleriň netijeleri bolsa her bir ädimde diýen ýaly, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda – hemme ýerde äşgär görnüp dur. Olar, ilkinji nobatda, bilim, ylym, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi ulgamlaryndaky özgertmelerdir, ýurduň ählumumy kompýuterleşdirilmegidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öz çykyşlarynda nazaryýeti, syýasaty we tejribäni, öňde durýan wezipelerini hem-de olary çözmegiň ýollaryny bir ýere jemlemegi, syýasy, ykdysady, durmuşy hem-de ruhy meselelere aýrylmaz baglanyşyklylykda garamak bilen, ýurduň mundan beýläkki ösüşinde ileri tutulýan ugurlary kesgitlemegi bellenilmäge mynasypdyr. Ol täze taryhy tapgyrda öz syýasy ýörelgeleriniň esasy ugurlaryny ymykly belledi. Ol ugurlar bolsa şu aşakdakylardyr:

türkmen halkynyň demokratik gymmatlyklaryny nazarda tutmak arkaly döwletiň hukuk binýatlaryny pugtalandyrmak;

ýurduň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmak;

ilata mynasyp ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek;

jemgyýetiň ruhy ýagdaýyny kämilleşdirmek, bilimiň, ylmyň we medeniýetiň pajarlap ösmegini gazanmak;

ýurdy halkara bileleşikleri ulgamyna ymykly goşmak.

Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlar baradaky şu wezipelerini netijeli çözmek, özgertmeleri we jemgyýeti hil taýdan täzelemek meselelerini üstünlikli durmuşa geçirmek üçin ýurduň garaşsyz ösüş ýyllarynda toplan tejribesini we mümkinçiliklerini başarjaňlyk, döredijilik bilen peýdalanmagyň, şeýle hem dünýä ylmynyň we tilsimatynyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmagyň möhüm ähmiýeti bardyr.

## I. Galkynyş we türkmen jemgyýetiniň demokratiki özgerişi

2008-nji ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edildi. Şu uzak bolmadyk döwür oňa girizilen üýtgetmeleriň biziň jemgyýetimiz üçin ne derejede ähmiýetlidigini aýdyň görkezdi. Olarda täze döwrüň reallyklary, döwlet we jemgyýetçilik gurulşynyň ýöregeleri giňişleýin öz beýanyny tapan. Esasy Kanunymyzayň täze redaksiýasy Galkynyş eýýamynyň syýasy-hukuk resminamasy bolup ýurtda gün-günden ýaýbaňlandyrylýan reformalaryň üstünlikli öňe ilerlemeginiň binýady, umuman ýurtda geçýän demokratik özgerişleriň kepilnamasy bolup hyzmat edýär.

Türkmen jemgyýetinde geçýän şu täzeleniş jemgyýeti täze hil derejä çykarýar. Ony her bir türkmen adamsynyň aýdyň bilmekligi gerek. Onuň üçin bolsa ilki bilen jemgyýetde geçýän demokratik özgerişleriň özboluşlylygyna akyl ýetirmeli. Bu işde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda aýdan bir pikiri örän ähmiýetli. Şonda ýurt Ýolbaşçysy: „Türkmenistanda sowet we jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik gurluşa geçiş döwri tamamlanandan soň, onuň ornuna beýik Galkynyş eýýamy geldi“ diýip belledi. Täze Galkynyş eýýamynyň aýratynlygy bu ýerde, görşümiz ýaly, jemgyýetde demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy bilen baglanylýar. Demokratiýa biziň döwrümiziň iň täsirli gymmatlyklarynyň biri. Ol jemgyýetiň durmuşynda, we dünýäde gatnaşyklarynda giňden ulanylýan ýörelgele.

Ylmy we ylmy-populýar edebiýatda demokratiýa köplenç syýasy ýa-da syýasy-hukuk nukdaýnazardan derňelýär. Şonda ol halk köpçüligini döwlet häkimiýetini dolandyryjy hökmünde ykrarlaýan döwlet gurluşynyň, syýasy gatnaşyklaryň görnüşi bolýandygyny görkezilýär. Aslynda demokratiýa sözi halk häkimýeti diýen manyny aňladýar. Demokratiýa şu hili beýan edilende, ol çäkli toparyň adyndan döwleti dolandyrýan awtokratiki dolandyrylşa garşy goýulýar.

Umuman, demokratik döwlet gurluşy bu ýerde konstitusiýa we kanunlar tarapyndan berkidilen häkimiýetiň dürli şahalarynyň deňagramlylygyny üpjün edýän bitewi ulgam hökmünde göz öňüne getirilýär. Şeýle deňagramlylyk Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynda hem doly ykrarlanýar. Onuň 4-nji maddasynda: „Döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünşigi ýörelgesine esaslanyp kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler“ diýip bellenilen. Bu bolsa häkimiýetiň her bir şahasynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edip bitewi ulgamyň aýrylmaz bölekleri bolup çykyş edýändiklerini aňladýar.

Demokratiýany syýasy-hukuk nukdaýnazaryndan düşündirmeklik, görşümiz ýaly, döwlet gurluşyny häsiýetlendirmelik üçin örän ähmiýetli. Şol bir wagtda hem bu ýerde biziň garaýan meselämiz bilen baglanyşykly bir soragyň anyklanmagy gerek bolýar. Demokratik ýörelgeler jemgyýetiň syýasy gurşawyndan daşgary, onuň beýleki gurşawlarynda nähili ýüze çykýarlar? Şu soragy anyklamaklyk üçin ýutrda geçýän özgerişlere ýüzlensek, onda häzirki türkmen jemgyýetde demokratik ýörelgeleriň diňe bir syýasy ýa-da hukuk gurşawynda däl, eýsem, ykdysady, durmuşy, ruhy-medeni gurşawlarda hem ýüze

çykýandyklaryny biz görýäris. Mysal üçin, ykdysady meseleleri çözmeklige halk köpçüligi indi diňe bir öz zähmeti bilen döwlet kärhanalarynda däl, eýsem, öz serişdeleri we harajatlary bilen hususy kärhanalaryň üsti bilen hem gatnaşýarlar. Häzirki döwürde ýurtda öndürilýän önümiň umumy möçberiniň ep-esli bölegi hususy kärhanalaryň telekeçileri tarapyndan öndürilýär. Bu gün ykdysadyýetiň hakyky sektorynyň kärhanalarynyň umumy sanynyň 60% hususy bölege degişli bolýar.

Demokratiýa ylmy taýdan derňelende hem şu ýagdaý göz öňünde tutulýar. Şonda demokratiýa jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşynyň dürli ugurlaryny we jemgyýetiň ösüşini halkyň gönümel gatnaşmagynda dolandyrmaklygy gurnamaklygyň kesgitli görnüşi bolup çykyş edýänligi bellenilýär. Ösen ýurtlaryň tejribesi durmuşy meseleleri çözmeklige halk köpçüligini işewür gatnaşýandygyny görkezýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy hem jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy üçin gerek bolan hukuk esaslary döredýär. Olary giňden açmaklyk häzirki döwrüň gaýragoýulmasyz meselleeriniň biri bolýar.

Geljekde şu işi ýurdumyzda halk häkimiýeti halkymyzyň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna saýlan wekilleri bilen bir hatarda ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalary bilen bileleikde amala aşyrmaklaryna gerekli esaslar Esasy Kanunymyzyň täze redaksiýasynda berkidildi. Şu işde raýatlaryň guramalarynyň işewirligini gazanmaklygyň wajyplygyna ünsi çekip hormatly Prezidentimiz: „Olar obany ösdürmek, ýaşaýjylary suw, gaz, elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek ýaly zerur meseleleri çözmäge ýardam

bermelidir, şeýle hem bu guramalar ilaty iş bilen üpjün etmek, mellek bermek, ýollaryň ýagdaýyny gowylandyrmak, oba ilatynyň bilim, medeniýet derejesini has-da ýokarlandyrmak, ruhy birligini kemala getirmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini ösdürmek ýaly meseleler bilen içgin gyzyklanmalydyr“ diýip belleýär. Bu ýerde demokratiki özgeriş adam üçin iň gerekli bolan durmuşy meseleleri çözmek bilen gönümel baglanylýar.

Jemgyýetiň demokratiki ösüşi, şeýlelikde, özara baglanyşykly, ýöne öz möçberi we ýerine ýetirilmeli işleriň amal ediliş wagty bilen biri-birinden tapawutlanýan iki sany: döwletiň demokratik mümkinçiliklerini açmak we jemgyýetiň demokratik mümkinçiliklerini açmak ugurlara bölünýär. Olaryň biri-birinden esasy görkezijiler boýunça tapawutlanýandyklary düşnükli bolsa gerek. Sebäbi birinji esasan syýasy we syýasy-hukuk, ikinji umumysosial we sosial-medeni häsiýete eýe bolýarlar. Bu ýerden görnüşi ýaly, birinji ugur ikinji ugruň bir bölegi bolýär. Şol bir wagtda-da ol jemgyýetiň demokratiki özgerişiniň esasy iteriji güýji bolup çykyş edýar. Döwletiň hukuk kadalary adamlaryň ýuridik dünýägaraýşyny kemala getirip, jemgyýetde düzgün-nyzamy ýola goýýar. Hormatly Prezidentimiziň demokratik gurluş görnüşinde häsiýetlendirýän türkmen jemgyýetiniň häzirki derejesi döwletiň demokratiki özgeişi ugrukdyrmaklygynda ýetilen menzil bolýar.

Birinji ugur Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kesgitlenen hukuk döwleti gurmak, şonuň bilen bir hatarda ýurtda konstitusion düzgüniň, döwlet häkimiýetiniň edaralarynyň, döwlet häkimiýetiniň ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine bölünmeginiň, ýerli häkimiýet edaralaryň we ýerli öz-özüni dolandyryşy sazlaşykly gurmagyň, adam hukuklaryny we azatlyklaryny

kanun esasda we hakykat ýüzünde üpjün etmegiň kemala gelişiniň we hereket edişiniň demokratik häsiýetini öz içine alýar.

Ikinji ugur ýokarky çäreler bilen bir hatarda häzirki döwürde çözülýän we indi çözülmeli meseleleri hem öz içine alýar. Bu meseleler biziň garaýan soragmyz bile gönümel bagly bolany sebäpli, olaryň käbiriniň üstinde durup geçeliň. Ilki bilen bu ýerdäki özgerişiň raýat jemgyýetiniň dürli görnüşdäki jemgyýetçilik başlangyçlarynyň ösen görnüşdäki düzümini kemala getirmek bilen baglanyşykly meseledigini bellemeli. Raýatlaryň meýletin birleşmeleri ne derejede jemgyýetçilik durmuşyny gurnamaklyga işewür gatnaşýandygyny ösen ýurtlaryň tejribesi görkezýär. Sözüň hakyky manysynda demokratik jemgyýet ösen raýat jemgyýeti bolýar. Biziň türkmen jemgyýetimiziň hem şeýle derejä galmaklygyna esaslar bar. Halkymyzyň gadymdan gelýän däbi köpçülik tarapyndan amal edilýän il bähbitli işleri ilkinji orunda goýmak bilen bagly. Şu ýerdäki mümkinçilikleri göz öňünde tutup, hormatly Prezidentimiz: „Biz raýat jemgyýetini demokratiýalaşdyrmagyň ýoly bilen ýuwaş-ýuwaşdan hereket etjekdigimiz hakynda yglan etdik“1 diýip belleýär. Bu ýerde başlanan işleriň esasynda demokratiki ýörelgeleriň many-mazmunynyň açylmagy ýurtda geçýän özgerişleriň hem maksady, hem-de esasy şerti bolýar.

Demoyratiki jemgyýeti kemala getirmekligiň ýene bir tarapy raýatlaryň demokratik kadalar we nusgalar esasynda pikir ýöretmek we özlerini alyp barmak aýratynlyklary bilen hem bagly. Bu hem adamyň syýasy we hukuk medeniýeti bilen kesgitlenýär. Hormatly Prezidentimiz belent wezipä geçip yglan eden ýurduň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradaky ilkinji permandyr-

kararlary hut şu wezipäni amal etmeklik bilen baglanyşykly. Olaryň durmuşa geçirilmegi ne derejede jemgyýetiň özgermegine täsir edýänligini biz aýdyň görýäris. Adamlaryň ylym-bilim we hünär almaklaryna giňden ýol açyldy. Ýaňy ýakynda kabul edilen Türkmenistanyň bilim hakyndaky we ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýlary hakyndaky kanunlar bilim ulgamyny kämulleşdirmek barada kanundyr-permanlar bilen bilelikde bu işi döwrebap amal etmeklik üçin gerek bolan ygtybarly hukuk we ahlak meýdany döredýärler.

Jemgyýetiň demokratiýalaşmagy hukuk we ahlak meseleleri çözmek bilen bir hatarda ösen durmuşy infrastrukturany, köp görnüşli kommunikasiýa düzümini döretmek bilen hem bagly bolýar. Biziň ýurdumyz üçin bu iş has hem ähmiýetli. Türkmen halky gadymy döwürlerden bäri Ýewraziýa giňişliginiň söwda ýollarynda amatly geosyýasy ýerleşişini peýdalanyp medeniýetleriň we halklaryň ýakynlaşmagyna uly goşant goşup gelen. Biziň döwrümizde bu tejribäni täze tehniki we tehnologiki esaslarda açmaklyga mümkinçilik döredi. Türkmenistan üçin döwrebap kommunikasiýa ulgamynyň döremegi täze Galkynyş eýýamynda bu ýerde geçýän giň möçberli özgerişlere täze esaslary döredýär. Şolaryň açylmagy üçin ýurduň demir, awtomobil, howa we deňiz ýol ulgamlary döwrebaplaşdyrylýar, täze ýollar gurulýar. Türkmenbaşy-Aşgabat-Farap we Aşgabat-Garagum-Daşowuz awtomobil ýollary, Türkmenistanyň, Eýranyň we Gazagystanyň bilelikdäki tagallalary bilen gurulmaga başlanan Demirgazyk-Günorta demir ýoly, ähli howa ýol menzilleriniň we Türkmenbaşynyň geňiz portunyň durkunyň täzelenmegi ýurtda häzirkizaman önümçilik infrastrukturasynyň döremegine getirýär.

Şonuň bilen bir hatarda Türkmenistanda adamlaryň ösen tehnologiýalara esaslanýan täze goşmaça hyzmatlardan, Internetden, maglumatlar torlaryndan peýdalanmak mümkinçilikleri döreýär. Bu ýerdäki işleriň nähili derejede ähmiýetlidigine sentýabr aýynyň 4-ine geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýurt ýolbaşçysynyň öz milli emeli hemramyzy edinmek baradaky meseläniň üstünde işlemek hakyndaky tabşyrygy hem şaýatlyk edýär. Şu gün her bir Türkmenistanlynyň häzirkizaman tehnologiýalarynyň üsti bilen Internetiň we aragatnaşygyň ähli görnüşlerini ulanmaga şertleriň döremegi jemgyýetiň demokratiki özgerişine oňaýly täsir etjekligi gümansyz.

Demokratik jemgyýetiň kemala gelmeklidi üçin esasy şertleriniň biri bolup ýurtda ýokary derejeli ýaşaýyş şertlerini döretmeklige gönükdirilen sosial gorawly ykdysadyýetimiz çykyş edýär. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan bäri döwletiň berýän birsyhly ýardamy ilata tebigy gazdan, benzinden, suwdan, duzdan we elektrik energiýasyndan mugt peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Adamlaryň ýaşaýyş şertlerini gowylandyrmak üçin Türkmenistanda girew (ipoteka) karzlaryny bermek barada kabul edilen düzgünler dünýäde deňi taýy ýokdur diýsek ýalňyşmarys. Ýurtda şeýle karzlar 30 ýyla çenli möhlet bilen ýylda bary-ýogy bir göterim tölemeklik şertlerinde berilýär.

Adamlaryň durmuş ýagdaýlaryny gowylandyrmak bilen baglanşykly işleriň depgini häzirki döwürde has hem ýokarlanýar. Ony biz „Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgermek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň“ çäklerinde ähli welaýatlarda we

etraplarda alynyp barylýan işlerde görýäris. Bu işiň möçberini diňe bir düýpli durky üýtgedilen Balkan welaýatynyň Esenguly, täzeden gurulan Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent we Lebap welaýatynyň Döwletli hem-de Mary welaýatynyň Altyn sähra etraplarynda däl, eýsem, bütin ýurtda alynyp barylýan sosial maksatly işler görkezýär. Özi hem bu işleriň gün-günden göwrümi giňelýär. Ýaňy ýakyn ýurdumyzda giňden bellenip geçilen Bilimler we talyp ýaşlar güni paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda açylan köpsanly döwrebap orta we ýokary okuw mekdepleriniň, çadalar baglarynyň ajaýyp binalary munuň aýdyň subutnamasydyr. Umuman, bütin ýurtda ilatyň ýokary ýaşaýyş derejesi bilen ösen ýurtlaryň hataryna çykmaklygy maksat edinýän Türkmenistanyň täze ykdysady strategiýasy adamlaryň ynamly we döredijilikli ýaşamaklygyna täze maddy-tehniki esaslary döredýär.

Demokratiýa we demokratiki özgeriş nähili maddy-tehniki esasda gurnalmaly? diýen sorag köpden bäri alymlary we syýasatçylary gyzyklandyrýar. Biri-birinden tapawutlanýan maddy-tehniki esaslara daýanýan demokratiýanyň dürli nusgalarynyň bolanlygyna taryh şaýatlyk edýär. Soňky döwürde ösen ýurtlarda industrial jemgyýetiň maddy bazasynda demokratiýanyň täze nusgasy kemala geldi.

Şu nukdaýnazardan türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişlere garasak, onda hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň ylmy özüne siňdiren tehnologiýalar essynda özgerdilýänligini bellemeli. Onuň köpsanly mysallary bar. Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň durkuny täzelemeklige, mysal üçin, ABŞ-nyň 1 milliard 600 million dollaryndan gowrak maýa goýumlary özleşdirildi. Bu zawod şu gün diňe bir türkmen

himiýasynyň däl, eýsem, sebitiň hem öňdebaryjy kärhanasy bolýar. Bu ýerde çykarylýan önümleriň sanawy artýar. Kärhanada taýýarlanýan polipropilen, çalgy ýaglary, ýangyjyň dürli görnüşleri daşary ýurtly sarp edijileriň uly islegine eýe bolýar.

Şu hili mysallar senagatda-da, oba hojalygynda-da az däl. 2005-nji 2008-nji ýyla çenli aralykda senagat infrastrukturasynyň we oba hojalygynyň, durmuş ulgamynyň ösdürilmegine gönükdirilen maýa goýumlarynyň umumy möçberi ABŞ-nyň 16 milliard 97 million dollaryna deň boldy1. Ýokary tehnologiýalary, nanatehnologiýalary, täze ylmy işläp taýýarlamalary, düýpli ylmyň iň soňky gazananlaryny we oýlap tapyş çözgütlerini ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna ornaşdyrmak esasynda industrial ösüşiň täze derejesine galmak hormatly Prezidentimiziň ýurdy döwrebaplaşdyrmak syýasatynyň esasynda alynyp barylýar. Diýmek, türkmen jemgyýeti hem industrial häsiýete eýe bolup demokratiýanyň täze maddy bazasyny döredýär.

Şeýlelikde, türkmen jemgyýetini demokratyýalaşdyrmak onuň taryhynda bolup eçýän iň bir çuňňur we düýpli sosial özgerme bolup çykyş edýär. Garaşsyzlygymyzyň ilinji günlerinden başlanan bu özgeriş täze Galkynyş eýýamynda täze görnüşe we hile eýe boldy. Bu özgerişiň diňe hukuk döwletini kemala getirmek bilen baglamaklyk, onuň manysyny ýöntemleşdirmeklige getirer. Hukuk döwletiniň özüniň durnuklylygy, täze maddy-tehniki esasa eýe bolan jemgyýetiň syýasy we beýleki gurşawynyň, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň demokratyýalaşmagy bilen berkidilen ýagdaýynda has berk we mäkäm bolar.

## II. Syýasy etika

Syýasat-latyn dilinden terjime edilende “jemgyýetçilik-döwlet işleri” ýa-da jemgyýeti we döwleti edara etmegiň ylmy we sungaty diýmekligi aňladýar.

Adam syýasy jandardyr. Bu hakykat gadymy grek filosofy Arsitotel tarapyndan işlenilip düzülýär. Gadymy döwürlerden bäri adam döwletiň raýaty, durmuş jemgyýeti agzasy hökmünde, häkimlik ediji ýa-da tabyn bolujy hökmünde, watany goraýjy ýa-da basyp alyjy hökmünde syýasy gatnaşyga girýär. Bu syýasy goşulmaklyk gadymy despotiýa şertlerinde hem hereket edipdir, emma ilatyň köpüsi özüniň syýasy prosese gatnaşýandygyny aňmandyrlar. Ol häzirki döwürde demokratik jemgyýeti şertlerinde ýagny ähli uly ýaşly raýatlaryň edaralaryň formirlenmegine saýlaw prosesiniň dürli mehanirleriniň üsti bilen hem-de maddy we ruhy gymmatlyk hökmünde häkimiýet dolandyryşynyň amala aşyrylýan döwründe ýüze çykýar.

Syyasat ähli adamlaryň bähbitlerine degip geçýär. Bu ýerde her bir adamyň syýasy gatnaşyklara düşünip ýa-da düşünmezligi esasynda onuň subýekti bolýanlygydyr. Häkimiýet edaralaryndaky saýlawlarda özüniň syýasy saýlawyny nähili derejede oýlanyp edýänligi, özüniň ol ýa-da beýleki hereketleriniň netijesinde düşünýänligi baradaky mesele durýar.

Etika (ahlak)-latyn dilinden terjime edilende hem klassyň jemgyýetiň ýa-da hünärment (professional) toparyň adamsynyň ahlagy özüni alyp barşynyň ulgamynyň kadalary, däbi, häkimiýeti diýmekligi aňladýar. Ol jemgyýetçilik aňynyňgörnüşi hökmünde moral barada onuň taryhy ösüşindäki kanunlarynyň mazmunyny we jemgyýetçilik durmuşyndaky orny baradaky ylymdyr.

Ahlak-nu nämäni etmeli we nämäni etmeli däldigini kesgitleýän teoretiki düzgündir. Ol moralyň beýleki

jemgyyetçilik gatnaşyklarynyň ulgamyndaky tutýan ornuny, onuň gelip çykyş tebigatyny, taryhy ösüşini analizleýär.

Syýasy ahlak-syýasy düzgüniň görnüşi, adaty bolup, ol ýa-da beýleki jemgyýetde kabul edilen syýasy proses, syýasy gatnaşyklar we däpler. “Syýasy ahlak” diýen düşünje XX asyrda ikinji jahan urşundan soň 50 ýyllarda girizildi. Ol her bir adamyň ýaşaýan we umumy adamzat gymmatlyklary, adamlaryň hukuklary, şahsyýetiň hukuklary we demokratiýanyň ösen jemgyyetinde kabul edilen syýasy prosesde bolan tertibiň, mylaýymlylygyň, özüňi alyp barşyň, tärini görnüşlerini özünde jemleýär.

1.Ol halkara.

2.Milli.

3.Aýratyn.

4.Özara.

5.Dürli syýasy institutlar tarapyndan amala aşyrylýar.

Syýasy ahlagyň talaplary birnäçe ýüz ýyllyklaryň dowamynda döräpdir. Siwilizasiýanyň (ösüşiň) taryhy-bu köp nesilleriň tejribesiniň netijesidir. Onuň düzgünleri adamzat tarapyndan düzülip, ähli ýurtlarda bir bitewidir. Emma özüniň taryhy däpleri we ynanylýan dininiň kanunlary esasynda aýratynlyklary bardyr.

Syýasy ahlagyň talaplary nähili-paýhasa, gözellik duýgusyna we tertibine, umumy adamzat gymmatlyklaryna esaslanýar. Şonuň üçin mylaýymlylyk, edeplilik, asyllylyk, ähli adamlara bolan mähirlilik syýasy prosesdäki jemgyýet tarapyndan kabul edilen şahsyýetiň hukuklaryna goýulýan hormat we kanunlaryň ýerine ýetirilişiniň azatlygy ahtda siz çykgynsyz ýagdaýda galanyňyzda hem kömek eder.

Syýasy ahlagyň akadalary esasy bir düzgüne eltýär. Ỳagny hemişe jemgyýeti we onuň her bir agzasyny aýratynlykda hormatlamakdyr. Şonda olar hem size şeýle hormat bilen gararlar.

Syýasy ahlagy düzýär:

1. Ol ýa-da beýleki jemgyýetde kabul edilen düzgünleri we hukuklary hormatlama we berjaý etmek. Islendik syýasy ýagdaýda hem özüňe dogry alyp barmany başarmaly.

2. Diňe bir grammatiki we estetiki dogrulygy göz öňünde tutýan gepleşigiň medeniýeti, syýasy gatnaşyklaryň medeniýeti bolman öz pikiriňi doly töweregiňdäkiler dogry düşüner beýan edip bellemeli.

3. Asyrlar boýy döredilen umumy adamzat gymmatlyklaryny-deňligi, demokratik azatlygy we adalatlylygy berjaý etmek.

4. Islendik syýasy ýagdaýda özüni dogry we aýlanşykly alyp barmak düzgünleri. Oňa düzgünleriň, däpleriň we jemgyýetdäki gepleşikleriň ýygyndysy girmelidir.

**II**

Syýasy durmuş hem jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki görnüşleri ýaly köptaraplaýyn we dürli-dürlidir. Syýasy durmuşyň esasyny häkimlik gatnaşyklary düzýär. Bu gatnaşyklaryň subýektleri raýatlar, durmuş toparlar.

Syýasatda maksat, serişde we usul näme? Syýasat işiň maksada laýyk görnüşidir. Onuň hereket ediji prinsipi ähli gazanylan zatlar bolup durýar. Islendik syýasy hereket kesgitli belli bir maksada ýetmek üçin amala aşyrylýar. Syýasatda maksat işiň beýleki görnüşlerindäki ýaly içki delil bolup durýar. Maksada praktiki taýdan ýetmegiň ýaragynyň guraly serişde we usuldyr. Syýasy serişde-bu subýektleriň onbýektleriň syýasy gatnaşyklarda täsir edýän anyk faktorydyr (saýlaw kompaniýalary, ýaragly hereketler we ş.m).

Syyasatda usuly köplenç onuň serişdesiniň syýasy usula edýän täsiri bilen häsiýetlendirýärler. Esasy zat mejbur etmek we ynandyrmak usuly.

Syýasy durmuş-bu syýasy durmuşyň ahlak manysyny berýär. Ol syýasy maksada ýetmek üçin haýsy serişdeleriň ulanylmagy hökmünde formirlenen. Syýasy serişdeleriň

arasynda bir bellenme has giňden ýaýrandyr: maksat serişdäni aklaýar. Bu belligiň teoretiki esasyny N.Makiawilli esaslandyrýarlar. Bu bellenmä laýyklykda islendik ýagdaý, islendik syýasy hereket moral hasaplanýar eger ol maksada aklaýan bolsa, tejribeçiligiň görkezişi ýaly syýasat özüniň ahlaksyz maksady bilen belli däldir.

Ähli jenaýatçylykly uruş aktlary, köpçülikleýin terrorçylyk, rewolýusion gowy maksatlaryň aňyrsynda gizlenýärdi. Şu gün syýasy durmuş ýalançylyk ýaly ýüze çykmalardan azatdyr. Bu bolsa syýasatyň hapa işdigini tassyklaýar. Bu faktoryň ählisi syýasy durmuşynyň zerur atributydyr. Syýasy durmuşda, tejribeçilikde we teoriýada maksatlara we serişdelere çemeleşmegiň gapma-garşylykly ýollary hereket edýär. Şu nukdaý nazardan serişde ahlakly kriteriýa bolup durýar. Ol jemgyýetiň geljekki ýüzüni kesgitlenýär. Zorluk bilen ýokary ahlakly jemgyýeti gurup bolmaýar. Syýasatda zorluksyz hereketi ulanmak ýoluny 1964-nji ý. Indira Gandi we jynsy deň hukuklylyga garşy göreşen lider Martin Lýuter King (ABŞ) alyp barar. Zorluksyz syýasaty taryhçylardan --- öňe sürýär. Teoriýada durmuşyň ähli ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak we haýsy serişdeleriň ahlaklydygyny görkezmek kyn meseledir. Şol bir wagtda häzirki zaman jemgyýetde öz hil kriteriýany düzmek amatly. Bu kriterillar gummanizm ýörelgesiniň umumy başlangyçlaryndan ýgany ýaşalmaga, azatlyga, adamzadyň howpsuzlygyna bolan umumy adamzat gymmatlyklary bilen tassyklanandyr.

## III. Türkmen halkynyň syýasy ýörelgeleriniň, däp-dessurlarynyň, ahlak we gözellik gymmatlyklarynyň onuň ruhy durmuşyndaky orny.

Erkinlik şahsyýetiň özüni adam hökmünde duýmagynyň baş şerti. Ol jemgyyetçilik gymmatlygydyr. Erkinlik türkmeniň

geçen ähli eýýamlarynyň esasy aýratynlyklarynyň biri. Sebäbi erkinlik-türkmeniň ganynda bar. Erkinlik türkmeniň gadymy ýollarydyr. Ol häzirki döwürde anyk hem özboluşly mana eýe bolýar. Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada şeýle ýazýar: “Meniň ýolum-erkinligiň ýoludyr”. “Meniň maksadym, erkinlik akylly-başly bolmalydyr, ol jemgyýet tarapdan kabul edilen we oňlanylýan çäklerde bolmalydyr. Eger şeýle bolmasa onda erkinlik baş-başdaklyga öwrülýär. Şeýle erkinlik döwletleriň esaslaryny ýykyp, jemgyýeti tozdurýar. Diýmek, erkinlik kanuny suratda bolup, kanun bilen utgaşmaly” (s 399).

Erkinlik ýoly milli aňyň milli ruhyň ýoludyr. Milli ýörelgeler halk erkinliginiň tejribesine, ony peýdalanýar. Meselem milli medeniýet nazara alynmaz, durmuş-syýasy özgertmeler kabul edilmez. Şonuň üçin türkmeniň asyl ruhy ýoly tutulmalydyr. Türkmeniň erkinlik ýoly-halallyk we ruhybelentlik ýoly. Halallyk jemgyýetiň şahsyýete bildirýän talaby. Belentlik milletiň özüne, öz güýjüne, öz gelejegine ynam döretmek üçin onuň geçmişiniň belentligini görkezmeli. Milletiň taryhynda ilkinji gezek türkmeniň geçmişi bitewilik hökmünde dikeldildi. Türkmen döwleti milli gymmatlyklary esas edip öz ruhy döwlet ýörelgelerini döretdi.

1) Milli Baýdak-Garaşsyzlygyň nyşany, Baýdak milli hasiýete, ata-baba dessuryna laýyklykda kabul edildi. Ondaky türkmen gölleri-milli gymmatlyklardyr.

2) Milli dil-döwletimiziň we jemgyýetimiziň baş aýratynlygy. Geçmişde milli dile üns berilmedi. Garaşsyzlykdan soň – milli dil döwlet dili boldy.

Baş gymmatlygymyz bolan millilik döwletiň mazmunyna siňdi.

- Türkmeniň bäş eýýamynda dürli-ýol ýorelgeler boldy. Şol ýollar türkmeni tanatdy. Häzirki täze eýýam ýoly-türkmen milletini-türkmen şahsyýetini bitewileşdirdi. Diýmek, biziň ýolumyz-bitewilik ýoly. Milleti-bitewilikde saklap duran güýç-döwlet we onuň milli ýörelgeleridir.

- Milletiň özeni onuň aňyýetidir. Milletiň ähli maddy we ruhy baýlygy-dili, dini medeniýeti, döwletliligi, jemgyýeti bularyň bary şol özeniň üstünde gurnalan. Özen bulary düzgüne salýar.

## II

Türkmen halky juda kanagatly halk. arassa zähmet bilen ýaşamagy, ata-babalardan bäri dowam edip gelýän däp-dessurlaryny mukaddes saklan halk. Taryhda mälim bolşy ýaly, kiçiräk halk, bir döwlete bakna bolanda, däp-dessurlaryny ýitirýär, agalyk ediji döwletiň halkyna garyşyp gidýär. Emma türkmenler däp-dessurlaryny, türkmen ruhyny saklap geldiler. Taryhda hiç zat türkmeniň adamkärçilik, ynsanperwerlik sypatlaryny kemeldip bilmändir. Magtymguly ýaly şahyrlar türkmen ruhynyň göwher täji bolup şygyrlary bilen halkyny gandyrdylar. Meselem, Magtymguly şeýle ýazýar:

- Mert ýigit mert ärden öner,
Namart aslyna, mert bolmaz
Eşit adam dogan ilden,
Gaýry mähriban ýurt bolmaz

- Türkmen gelin-gyzlarynyň şaý-sepleri munuň özi tutuş taryhdyr. Gupba-tuwalga, çekelik-bukaw, ýeňselik, gülýaka, çapraş-çaňnar-söweş geýimidir.

Çekelik-gupbanyň gapdallaryndan
Çekge üstlerinden asylyp goýberilýär
Ýeňselik – ýeňsäni tekiz metal bilen ýapyp durýar.
Gülýaka – galkan.
Çarpaş – çaňňa – döş bezegi.

Milli sazlar, toýlar, dabaralar – ahlak hem gözellik gymmatlyklarydyr. “Aýdym we dabara ynsany terbiýelän iki gudratdyr. Şolardan dabara ten älemine saz bolsa ruh älemine degişlidir. Olar birleşip ten we ruhy älemi terbiýeleýär” – diýip aýdypdyrlar. Deprekler, sumaýlaryň sesi gyjak – türkmenleriň jemgyýetiniň güýç, ylham, gaýrat çeşmesi bolupdyr.

## IV. Syýasy medeniýet.

Medeniýet-bu islendik jemgyýetiň kesgitliligi boýunça bolup geçýär diýip alymlar belleýär. Onda adamzadyň ýaşaýyş usuly, subýektiň adamzadyň gadagan tejribeleri, däp-dessury, gymmatlyklaryny ösleşdirişi çäresi bolup geçýär. Syýasy medeniýetiň derejesi jemgyýetiň we adamyň ösüşinde uly şertleriň biridir. Syýasy medeniýet diýen termin XVIII asyrda ilkinji gezek nemes filosofy tarapyndan ulanylýar. Syyasy medeniýet barada  ilkinji konsepsiýalar XX asyra degişlidir. Syýasy medeniýetiň teoriýa hökmünde ösmegine Folr, Werbar, Lipset, rus syýasatlaryndan Gadźiýew Galkin uly goşant goşýarlar. Geçirilen barlaglar netijesinde syýasy medeniýete berilýän raktowkalar:

1. Şahsyýetiň, durmuş jemligiň medeniýeti özüne syýasy bilimliligi, syýasy aňy we jemgyýetçilik syýasy işi birleşdirýär.
2. Bu anyk durmuş topara ýa-da anyk bir şahsyýet mahsus bolan syýasy aňyň stereotilleriniň jemidir.
3. Bu syýasy gatnaşyklar ulgamynda anyk syýasy bilimiň, umumy orientasiýanyň, şahsyýetiň özüni alyp barşynyň nusgalaryny amala aşyrýar.

Syýasy medeniýet häsiýetli alamatlar.

I.Häkimiýetler boýunça raýatlaryň arasyndaky belli bir kadalaryň, özüňi alyp barşyň, gymmatlyklarynyň nusgalarynyň bellenilmegi. Olaryň ýary kanunçylykda, ýary bolsa jemgyyetiň däp-dessurlarynda, azatlarynda öz beýanyny tapýar.

II.Syýasy sferalaryň bitewilginiň we birleşiginiň üpjin edilmegi. Bu üpjinçilik syýasy medeniýete mahsus bolan ýörelgeler esasynda ýagny syýasy özüňi alyp baryş, syýasy ideologiýa esasynda bolup geçýär. Olar jemgyýetde syýasy institutlaryň we guramalaryň birligine we biri-biri bilen baglanyşygyna täsir edýärler.

Syýasy medeniýetiň gurluşyna: ahlak gymmatlyklar we özüňi alyp elementleri degişlidir.

1.Akyl ýetiriş elementi özüne syýasy bilimi, syýasy pikirlenmäniň obrazyny we usulyny birleşdirýär.

2.Ahlagy baha beriş elementi syýasy duýgulardan, däplerden, gymmatlyklardan, ideýalardan we maksatlardan durýar.

3.Özüňi alyp baryş elementi syýasy ustanowkalardan, jemgyýetçilik syýasy işinden, syýasy özüňi alyp baryşdan durýar.

Syýasy gurluşyň 3 derejede tapawutlanýar:

1.Dünýä garaýyş 2.Raýat 3.Syýasy.

Syýasy dünýä garaýyş derejesi bolup durýar. Bu derejede syýasy dünýäde adamyň özüni kesgitleýşi bolup geçýär. Syýasy orlentasiýany we syýasy özüňi alyp baryş kadalaryny saýlaýarlar. Bu hili saýlaw adamyň durmuş pozisiýasy, onuň özbaşdak ýa-da kollektiwleýin gymmatlyklara baha berişi, onuň gündogaryň we günbataryň siwilizasiýasyny ykrar edişine, onuň dünýäni real ýa-da maddy zat hökmünde kabul edişine baglydyr. Raýat derejesi-bu derejede syýasy medeniýetiň özeni emele gelýär. By dereje adamlaryň häkimiýete, köpçülik merkezine, döwlete we mejburlyga bolan gatnaşyklaryny häsiýetlendirýär. Adam syýasy dünýä bilen gabatlaşyp çykyş edýär. Ol özüniň häkimiýete bolan gatnaşygyny formirleýär. Häkimiýeti kabul etmek bilen adam özüniň hukugyny we borçlaryny kesgitleýär. Raýat derejede adamyň häkimiýete tabynlygy ýa-da adamyň azatlyk hukuklary formirlenýär.

Syýasy dereje-adamynyň gös-göni syýasy gymmatlyklara gatnaşygy emele gelýär. Adamynyň durmagynda syýasatyň orny kesgitlenýär. Adamlar şu derejelere ýetenden soň jemgyyetiň syýasy durmuşyna aktiw gatnaşýar we syýasatdan düşünjelilik bilen daşlaşýar. Şeýlelikde adamlaryň belli bir bölegi syn edijilik pozisiýasyny eýeleýär.

Syýasy medeniýetiň tipleri. Syyasy medeniiň esasy modelleri: totalitar, awtoritar, liberal-demokratik. Syýasy medeniiň 1,2 modeli adamynyň özüniň indiwidual häsiýetleriniň kollektiwliligini häsiýetlendirýär.

1.Syyasy aň we gymmatlyklar merkezleşdirlen döwletde emele gelýär. Şonuň bilen birlikde döwletiň bähbidi aýratynlykda alnan adamyňkydan wajypdyr.

2.Syýasy jemgyýet bir ugurlydyr. Ol häkimiýetler bilen amala aşyrylýar.

3.Syýasy dil standartlaşan ol kyn we agyr. Oňa kategfiýalylyk we çäklendirlenmek mahsusdyr.

4.Syýasy medeniýeti ýokardan aşaklygyna alternatiwasyz formirlenmek.

5.Syýasy medeniýetiň derejesi jemgyyetde beýikde däl. Syýasy medeniýetiň totalitar we awtoritar modeli daşarky dünýäden aýrylan. Syyasy medeniýetiň liberal-demokratik modeli raýatlaryň syýasy hukuklarynyň we aýratynlyklary üpjin edýän arontasiýany häsiýetlendirýär, bu modeli ýörite sypatlar mahsus:

1.Jemgyýetde syýasy aňyň gymmatlygy dürli çeşmeler bilen formirlenýär. Bu modeli esasy gymmatlyk adamyň hukuklary azatlyklary syýasatyň plýuralizm ykdysadyýetiň, demokratiýanyň hukuk tertibiniň şahsy durmuşyň eldegirmezsizligi, hususy eýeçiligiň eldegirmesizligi we şuňa meňzeşler.

2.Raýatlaryň syýasy habarlylygy dürli taraply göni syýasy sinzura minimaldyr. Söz azatlygy, peçat azatlygy hereket edýär. Ỳöne ol syýasy medeniýetiň finans çeşmeleriniň mümkinçiliklerinden ybarat.

3.Syyasy dil giň we standartlanmadyk.

4.Liberal demokratik model özüniň açyklygy bilen tapawutlanýar: medeni insiliginiň syýasaty.

Syýasy medeniýetiň modelleri bilen birlikde onuň tipleri hem tapawutlanýar. Olar medeni sfera syýasatyň täsir edişi bilen tapawutlanýarlar.

1.Ỳanyk tipi syýasy içginligi, öz-özüňi kesgitleýjiligi bilen tapawutlanýar.

2.Açyk tip medeni tejribe el, baý syýasy däp-dessurlary bar.

3.Patriarhal tipi-etniki syýasy ulgamyň prosesinde dowam edýän jemgyýetde bar bolan – medeniýete häsiýetdir. Bu tipe degişli adamlarda syýasy aktiwleşik başlaýar. Bu tipdäki adamlar syýasy gymmatlyklar, kadalar bilen gyzyklanmaýarlar.

4.Tabynlyk tipi-bu tipe degişli adamlar häkimiýete syýasy metodlar bilen täsir etjek bolman, häkimiýete doly boýun egýärler. Bu tipdäkilerd aktiw raýat pozisiýasy ýok.

5.Syyasy medeniyetiň aktiw tipi-munda jemgyýetiň syýasy durmuşynda her bir adamyň syýasy, şahsy rolunyň bolmagy, syýasy ulgamda şahsy statusyň bolmagy

Garyşyk syýasy medeniýet hem bardyr. Arassa görnüşde ýekejede syýasy medeniýet ýokdur. Real syýasy durmuşda dürli hili syýasy medeniýetiň tipleri bar we olar biri-biri bilen baglanşykly we biri-birine täsir edýärler. Şonuň hem-de syýasy medeniýetiň garyşyk tipi eýeleýär.

Fragmental syýasy medeniýet syýasy agressiwliligi, çydamsyzlygy, radikallygy bilen tapawutlanýar. Ol tip jemgyýetde durmuş toparlaryň arasynda agzalalygy güýçlendirip biler. Umumy adamzat syýasy gymmatlyklaryna parahatçylyk degişlidir. Oňa azatlyk, hukuk tertipliligi, özygtyýarlylyk, deňlik, adam hukuklary degişlidir.

Gepleşik edebiniň syýasy sungaty. Syýasy prosesler, elementleri: äheň we ses. Gepleşikde özüňi asuda we salykatyň alyp barmaly. Öz pikiriňi aýdyň we az söz bilen beýan etmeli: 1.Örän gaty, çalt we gygyryp gepleşiklik edepsiz hasaplanýar. 2.Dişleriň arasyndan bir zat pyşyrdamak (durmuş aşagyndan pyşyrdamak). 3.Sesiň äheňinde öýke, gyjynmaklyk,

ynamsyzlyk, jedellik, ulumsylyk bolmaklygy. 4.Sesleri ýalňyş, nädogry aýtman, örän haýal ýa-da örän çalt geplemek ýa-da çala eşitdirip geplemek edepsizlikdir ýalňyşdyr.

## V. Syýasy edep we sungat.

“Adam–bu özüniň hereketinden başga hiç zat däldir” diýip, nemes alymy Gegel belleýär. Gegel, adamyň häsiýetiniň käbir sypatlary onuň bilen gepleşikligi ýeňil we ýakymly edýär, käbir sypatlary bolsa olardan gaçmaklyga eltýär. Haýsy häsiýetler özüňe çekýär, haýaglary bolsa daşlaşdyrýar. Syýasy lideriň häsiýetinde syýasy proses az rol oýnamaýar. Mylaýymlylyk syýasy prosesiň bir syýasy häsiýetidir. Akyldaky mylaýymlylyk adamyň ýüzüniň hem owadanlygydyr.

Syýasy prosesde kä wagtlar mylaýymlylyga mätäç bolmaz ýaly häsiýetlere eýe bolýarlar. Mylaýymlylyk özüne ähli zerur zatlary birikdirýär. Ol bizi daş-töwregindäkilere peýdaly we ýakymly edip görkezýär. Ol syýasy prosesde we durmuş gatnaşyklarynda zerurdyr. Syýasatda mylaýymlylyk ahlagy ýeňilleşdirýär, jedellerden. Howatyr, edýär, saklaýar, söýgä we hormata ýardam edýär. Syýasatda mylakatlylyk tebigy we çyn ýürekden bolmaly. Ol ulaldylan we gaýtalanan bolmaly däl. Jemgyýetde mylakatlylygyň gadagan edýän düzgünleri:

1.Jemgyýetçilik ýerlerine özüňi salyhatly alyp barmaly, gaty ses bilen gürlemeli däl, bir şahsyýeti tankytlamaly däl, başga bir adamyň ýalňyşynyň üstünden gülmeli däl, gepleşip oturan adamyňa kemsidiji söz aýtmaly däl. Syýasy prosesde edeplilik, sypaýylyk uly rol oýnaýar. Bu ýazylmadyk zatdyr. Syýasatda sypaýylyk-bu terbiýeli adamyň moral institusiýasydyr, ol oňa daş-töwerekdäkiler bilen özüni edepli alyp barmagyň inçe ýollaryny öwredýär.

Syýasatda sypaýylyk örän wajyp elementdir. Ỳagny gepleşýän adamynyň içki dünýäsine çuňňur hormat goýmak.

Beýleki adamlary düşünmegi başarmaly. Gapdalyndaky üçin agyryly boljak mowzugy, ony kemsitjek mowzuk barada gepleşiljek bolmaly. Edeplilik we üstünlik bu geljegiň esasy görkezijisidir. Bu syýasy gatnaşyklaryň ähli sferalarynda zerur berjaý edilmeliçäredir. Syýasy gatnaşyklarda edeplilik bu goýberlen ýalňyşlyk netijesinde ötünç soralmagy hem bolup durýar. Syýasatda ötünç soramaklyk siziň adamçylyk mertebäniň beýgelder we düşünjeli adamlaryň gözüniň öňünde mertebäni has hem berkider.

Syýasatda öz wagtyndalyk edepliligi görkezýär. Garaşdyrmak öýke, kemsitme, mylakatsyzlyk ýaly görülýär. Syyasy gatnaşykda asyllylygymyzyň syýasy edebimiziň wajyp elementidir. Asylly syýasatçy hiç haçan özüni beýlekilerden akylly görkezjek bolmaýar. Ol hemişe özüniň däl-de köpçüligiň bähbidi barada oýlanýar. Onuň üçin syýasatda we syýasy etikada tertiplilikdir.

Gepleşiklere taýýarlyklaryň etaplary.

1.Demgasiýanyň düzülmegi, hil we personyň düzümiň kesgitlenmegi.

2.Gepleşikler geçirilende haýsy diliň ulanmanyň kesgitlenmegi.

3.Gepleşigiň geçirilmejek ýeri we wagtyny kesgitlemek. Bir tarap ol barada beýlekä öz pikirini guýmaly däl. Bu esasan hem güýmaly däl. Bu esasan hem duşuşygyň inisiatoryna degişlidir. Ol özüne oňaýly wagty we ýeri aýtsada bu meseläni gutarnykly çözmek meselesini çagyrlan tarapa bermeli. Duşuşygyň ýeri taraplaryň gulluk jaýy ýa-da bitarap territoriýa bolmalydyr. Eger gatnaşyjylaryň arasynda konflikt bar bolsa bitarap territoriýa saýlanylyp alynýar. Eger duşuşygyň ýeri we wagty üýtgedilse gepleşige gatnaşýanlaryň ählisi habarly edilmelidir. Eger öz ýurduňda gepleşikler geçirilse onda:

1.Ỳagdaýy gözegçilik astyna almaly, myhmanlar üçin myhman hana berilmeli, restoran saýlanylmaly ýagny näçe

medeni tapawutlar köp bolsa duşuşygyň, gepleşigiň gowy geçmegine getirýär.

2.Adamlar öz ýurdunda bolmak üçin özlerini has arkaýyn duýýarlar.

3.Gepleşik geçirilýän ýurduň ahlak düzgünini berjaý etmeli. Bu ylalaşyk prosesini ýeňilleşdirýär.

1.Siz habaryň ýoklugy zerarly çözgüdi gaýra goýup bilmersiňiz.

2.Siziň partneryňyz daşdan gelipdir we onuň öňünde özüňizi borçly duýmaly.

3.Agramynynyň guramaçylygy sizi işden sowup biler we ynjalyksyzlygy döredip biler.

4.Gepleşikleriň mazmunyny ýagdaýyň meselesini barlag, 2 topar üçin bähbitli gatnaşygyň döremegi, gepleşigiň mazmunyny kesgitlenmegi, maksatlaryň we wezipeleriň umumy usuly, meseleleri çözmegiň mümkin bolan wariantlary.

5.Çözgütleriň we teklipleriň we olaryň düşündirişleriniň wariantynyň forlilurowkasy.

6.iş boýunça oýunlaryň geçirilmegi ol gepleşikdäki adamlara täsir etmeli. Bu gepleşikleri geçirmegiň guramaçylyk mamentidir.

## II

Gepleşikler geçirilende guramaçylyk işleri. Myhmanlaryň öňünden çykyp garşylamak. Sekretar dilegasiýasyny gepleşikler zalyna çenli ugradýar. Zalda olary kabul etjek delegasiýa doly düzümde oturmaly stolyň başynda belli bir tertipde oturmaklyk umumy ykrar edilen düzgünlere gabat gelmeli. Oturgyçda artykmaç resminamalar bolmaly däl. Stolda bloknot, galam, kükürt, çilim, çilimiň küli atylyp durmaly (eger-de ol jaýda çilim çekmäge rugsat berilýän bolsa, belli bir tertipde oturmagyň birnäçe wariantlary:

1.Delegasiýanyň baştutanlary tegelek stolyň başynda biri-birini garşy oturmaly, ondan soň  rang boýunça beýleki agzalar oturmaly. Terjimeçiler gapdalda durmaly.

2.Delegasiýanyň baştutanlary ortaarada biri-birine garşy oturmaly.

3.Her gepleşikde üç ýa-da ondan hem köp adamlar gatnaşsa olar elipbiýi boýunça tegelek ýa-da göni burçly stoluň başynda sagat dili boýunça oturýarlar. Elipbiý boýunça ýa-da 1-nji mejlisde şol ýurduň eýesi soňra elipbiý boýunça başlyklyk edilýär.

4.Stoluň görnüşi psihologiki täsir edýär. Tegelek stol erkin atmosferany döredýär. Ol proektiň üstünde işlemäge oňaýly. Emma tegelek stol gepleşige  gatnaşyjylaryň arasynda wezipe boýunça tapawudy peseldýär. Dörtburçly stol bäsleşikli atmosferany döredip biler. Ol gysgajyk ginler üçin oňaýly. Sag tarapda oturanlar çep tarapda oturanlardan hyzmatdaşlyk etmäge has oňaýly ornaşandyrlar.

Eger gepleşikler uzaga çekse onda arakesmelerde nahar berilip bilner. Myhmanlary aýratyn jaýda naharlamaly. Eger bu mümkinçilik bolmasa onda nahar olaryň oturan ýerine getirilýär. Gepleşikler gutarandan soň ýolbaşçy gepleşik barada anyk ýazgy geçirýär (gürrüň geçirýär).

Gepleşikleri geçirmegiň etaplary:

1.Bähbitleriň, maksadyň, pozisiýanyň anyklanylmagy – ýgany ýüze çykan ýagdaýlaryň anyk bellenilmegi.

2.Pozisiýa tankytlanmagy. Hödürlenilýän meseleleriň orgumentasiýasy esasy etapdyr. Munda 2 tarapyň bähbidi göz öňünde tutulmaly.

3.Pozisiýa bilen razylaşmak. Ylalaşygyň umumy konturyny ilki bilen ylalaşmaly, soňra çözgütleri maslahatlaşmaly. Bu usul wagty tygşytlaýar. Emma munuň üçin beýleki tarapyň razylygy zerur; gutarnykly etap.

I.Syýasy prosesde „gaty usul“ diýen düşünje bardyr. Gepleşikler stoly bu  söweş meýdany diýip alynýar.

Gepleşikleriň taraplary biri-birine garşydaş hökmünde alnyp „kim kimi“ diýen dewiz ulanylýar. Bu hili usulda esasan taraplar.

1.Öz pozisiýasynda berk durýarlar.

2.Gatnaşyklaryň dowam etmegi üçin eglişik etmeli.

3.Garyndaş tarapa ynamsyzlyk.

4.Özüne bähbitli çözgüdi gözleýär.

5.Howp salýarlar.

Negatiw netijeler: gepleşikleriň taraplary indiki hyzmatdaşlygy uly sorag astynda goýýarlar.

Syýasy prosesde galmak usul: taraplar ylalaşyk gazanmak üçin dostlukly pozisiýany eýeleýärler. 3-nji gowşak tarap partneryndan howandarlyk isleýär, oňa ynanýar, eginşik edýär, ylalaşyk üçin ýitgiler çekýär, başyna sezewar bolýar, öz pozisiýasyny çalt üýtgedýär, çözgüt gözleýär. Bu tejribelikde az duşýar.

Partnerçylyk usuly. (ýoly) – munda partnerlaryň arasynda uly derejede ynam bolýar. Gepleşigiň taraplary hakyky çözgüdi gözleýär. Olar çözgüde bile derňew berýärler. Olar biri-birini maksimal derejesini gowulandyrjak çözgüdi çözgüdi gözleýärler. Emma gowy, akylly netije aljak bolsaň gatnaşyklarda ynam bolmaly. Olaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň saklanmagy zerur. Pozitiw usul – ara alyp maslahatlaşmak meseleleriň barha gitdigiçe kynlaşmagy. Ilki bilen ýeňil soraglar ara alnyp maslahatlaşyklar. Olaryň çözülmegi gepleşige gatnaşyjylara psihologiki täsir edýär, ylalaşyga gelmäge mümkinçilik döredýär.

Çözgüdiň umumy zalogynyň gözlenilmegi. Taraplar ilki prinsipial mesele boýunça soragyň mazmunyny otnasitel çözmeklik barada ylalaşyga gelýärler. Soňra ylalaşygyň detallaryny işläp düzýärler. Bu bolsa wagta tygşytlaýar.

Gepleşikleri geçirmegiň negatiw usullary (ýagdaýlary). Hakyky tejribelik partneryň ulanýan dürli görnüşli hilegärliklerini inkär eýeleýär. Olaryň hökman bilmeli we

bitaraplaşdyryp başarmaly. Ilkibaşky ýagdaýyň maksimal ýokarlanmagy ýagny netijede eglişik etmegi we partnerdan hem şol hil eglişige garaşmaklyk kim-kimden soraglar berilýär. Soň sorag aýrylyp, başga has wajyp soraga geçilýär.

Talabyň gorkuzyp alynmagy we täze girizilmegi soňky minutda bir tarap gepleşigiň ahyrynda iň gowy gidip durka, täze talap girizýär. Munda ol partner şertnama bilen has gyzyklanmagy netijesinde eglişige gidip gol çeker diýen pozisiýadan ugur alýar. Bu bolsa partnerlaryň arasynyň ýaramazlaşmagyna getirýär we dünýäde ýaramaz ýagdaýy döredýär.

Ýalan maglumatyň berleşmegi. Gowy äheň we takyklyk syýasy prosesde gowylyk, edeplilik hasaplanýar. Duşuşyga gijä galmak ýa-da çagyrylyp getirilmek bolmaly däldir. Gepleşik prosesde jedel düzgüni, eger-de gepleşik prosesde jedel ýüze çyksa ynandyrmaga çalyşyň, emma gepleşige gatnaşyjylary öýkeletmäň. Jedel döränде esasy zat asudalyk, argumentler, loşka we subutnamalar getirilmeli. Gyzmalyk we newroz etmeli däldir. Ylalaşmazlyk diňlemek bilen amala aşyrylmaly. Eger-de aň adamy öz pikiriňiz bilen ýöretjek bolsaňyz onuň pikirine hormat goýuň. Hiň haçan adama onuň aýdýanynyň nädogrydygyny aýtmaň. Onuň pikirini bölüşiň, onuň goýberen ýerlerine üns beriň. Öz tarapyňyzdan ýalňyşlyk goýberiň, bu garşydaşyňyzda hakykaty we öz ýalňyşlyklaryna düşünmegine ýol açar.

## VI. Raýat jemgyýeti.

“Döwlet” we “raýat jemgyýeti” bir-birine gapma-garşy dürli, jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplaryny aňladýan düşünjelerdir.

Raýat jemgyýeti – adamlaryň biri-biri bilen gatnaşygyndaky çäklendirilmedik azatlyklaryny üpjin edýär. Adamlar ykdysady, medeni, durmuş giňişliklerdäki öz hususy

bähbitlerini amala aşyrmakda azat hereket edýärler. Tersine döwletde bolsa syýasy subýektleriň üstünden berk gözegçilik ýola goýulýar.

Döwlet bilen raýat jemgyýeti biri-biriniň ýerini tutýarlar (wzaimodopolnýaýut) we birbirine garaşly ýaşaýarlar. Doly kemala gelmedik raýat jemgyýetsiz hukuk, demokratik döwlet gurmak mümkin däl,sebäbi diňe aňly, düşünjeli azat raýatlar adamzat umumylygynyň has rasional görnüşi döretmäge ukyplydyr. Şeýlelik bilen, eger raýat jemgyýeti indiwid bilen merkezleşdirilen döwletiň arasyndaky birikdiriji sepleşik bolýan bolsa, döwlet hem bolsa, krizise garşy durmalydyr we azat şahsyýetleriň hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmaga şert döretmelidir. Raýat jemgyýeti bilen döwletiň arasyndaky gatnaşygynyň çylşyrymly häsiýetini amerikan alymy, Nobel baýragynyň eýesi M.Fridman dogry belleýär.

“Jemgyýeti biziň nähili gursak, ol hem şeýle-de bolar, adamzadyň azatlygyny giňeldýän we goraýan, döwletiň häkimiýetiniň çendenaşa giňelmegine ýol bermeýän, hem-de hökümetiň halkyň hojaýyny däl-de, mydama onuň guly bolupgalmagyny üpjin edýän döwleti döretmek diňe bize baglydyr” diýip düşündirýär. Şeýlelik bilen raýat jemgyýeti döwletiň gatyşmaýan, jemgyýetde ramkadan daşarda ösýän adam, maşgala, jemgyýetçilik, ykdysady, medeni, dini gatnaşyklaryň jemidir. Döwletden garaşsyz bolan institutlaryň we özara gatnaşyklaryň ulgamy aýry-aýry indiwidleriň we olaryň toparlarynyň kemala gelmegini hem-de olaryň gündelik isleglerini kanagatlandyrmagyny üpjin edýär.

Syýasy ylymda uzak wagtlap “raýat jemgyýeti” we “döwlet” diýen düşünjeler tapawutlandyrylmandyr. Ỳöne XVII asyryň ortalaryndan başlap, jemgyýetiň dürli sferalarynyň differensiasiýasy, olaryň umumy döwlet häkimiýetden azat bolmagy, awtonom, azat indiwidiň kemala gelmegi, jemgyýetçilik aňynda we ylymda durmuş progresiň iki akymynyň şöhlelenmegini talap etdi. “Raýat jemgyýeti”

düşünjesi adamyň döwletden garaşsyz ýaşap başlamagyndan soň döreýär.

Raýat jemgyýetine Gobbs, Lokk şeýle seredipdirler. Olar “raýat jemgyýeti” düşünjesini adamzat jemgyýetiniň taryhy ösüşini adamyň ýabany ýaşaýyşdan siwilizasion ýaşaýşa geçişini beýan etmek üçin ulanypdyrlar. Adam “ýabany”, “tebigaty” ýagdaýda medeniýetiň, döwletiň nämedigini bilmän, duşmançylykly, üznüksiz uruşlaryň dowam edýän bulaşykjemgyýetinde ösüpdir. Şeýle jemgyýetiň garşysyny raýat gatnaşyklaryny we berk tertip-düzgüniň höküm sürýän jemgyýetini T.Gobbsyň pikiri boýunça diňe döwletiň üsti bilen amala aşyryp bolar.

Liberalizmiň düýbüni tutujy Dź. Lokk ilkinji bolup şahsyýeti jemgyýetden we döwletden ýokarda goýýar. Lokkyň pikiri boýunça akylly adamlar öz aralarynda jemgyýetçilik şertnamasyny baglaşýarlar, ýagny raýat jemgyýetini döredýärler. Lokkyň pikiri boýunça indiwidiň azatlygynyň, onuň özbaşdaklygynyň kepillendirilmesiniň esasyny hususy eýeçilik düzýär.

Raýat jemgyýetini analiz etmekde ýene bir gaarýyş nemes filosofy G.Gegele (1770-1830) degişlidir. Onuň düşündirişine görä raýat jemgyýeti, özleriniň gündelik isleglerini zähmetiň kömegi bilen amala aşyrýan indiwidleriň jemidir. Gegeliň pikiriçe raýat jemgyýetiniň esasy hususy eýeçilikdir. Ýöne “taryhy progresi hereketlendiriji güýç raýat jemgyýeti däl-de döwlet” diýip düşüpdiripdir.

G.Gegeliň raýat jemgyýetine degişlilikde döwletiň ilkinjidigi baradaky tezisini inkär edip, K.Marks indiwidiň işiniň taryhy ösüşde aýgytlaýjy faktordygyny düşündirýär. Onuň pikiriçe raýat jemgyýeti indiwidiň material gatnaşygynyň jemidir. Marks raýat jemgyýetine gös-göni önümçilikden we gatnaşyklardan durýan jemgyýetçilik guramasy hökmünde garapdyr. Indiwidiň ykdysady, önümçilik gatnaşyklarynyň jemi (indiwidiň önümçilik prosesindäki gatnaşyklary) hem-de olara

gabat gelýän öndüriji güýçler (önümçilik serişdeleri, işçi güýji we zähmetiň sarp edilýän obýekti) jemgyýetiň ykdysady bazisini düzýär. Ykdysady bazis-syýasy institutlaryň, (şol sanda döwletem) hukugyň ahlagyň, diniň, sungatyň we ş.m. madstroýkasyny amala aşyrýar. Döwlet we syýasat önümçilik gatnasyklarynyň şöhlelenmesidir. Nadstroýkanyň bazisden garaşlylygy baradaky tezise görä, Marks döwleti önümçilik serişdeleriniň hususyýetçiler synpynyň syýasy häkimligini amala aşyrmagynyň guraly hasaplapdyr. Şonuň üçin ol burźuaz döwletine ykdysady artykmaçlyklar bolan – hususyýetçiler synpynyň senagatçylaryň, finansistleriň, ýer eýeleriniň bähbitlerini goraýan we amala aşyrýan döwlet hökmünde seredipdir.

Şeýle döwletiň raýatlary baý synplar we durmuş gatlaklar bolýar. Burźuaz döwleti ykdysady häkimiýeti bolan synplaryň erkini amala aşyryp, ähli indiwidleriň azatlygyna garşy durýar hem-de raýat jemgyýetini çendenaşa gözegçilik edýär.

K.Marksyň pikirine görä döwlet bilen raýat jemgyýetiniň arasyndaky şeýle bölünişigi jemgyýetiň täze görnüşini-kommunistik jemgyýeti döretmek bilen ýeňip bolar diýip hasaplaýar. Marksizmiň aýtmagyna görä hiç kimiň işi çäklendirilen däl, her kim öz-özüni dürli-dürli işlere kämilleşdirip biler, onda adama serişde hökmünde seredilmän, eýsem jemgyýetçilik ösüşiň maksady hökmünde seredilýär.Şonuň üçin döwlet bilen raýat jemgyýetiniň gapma-garşylygy öz manysyny ýitirýär.

Häzirkizaman syyasatnamasynda raýat jemgyýetine häkimiýetsiz gatnaşyklaryň we gurluşlaryň çylşyrymly, köptaraply ulgamy hökmünde seredilýär.

ABŞ-nyň raýat jemgyýetiniň gurluşy dürli meýletin raýat assosiasiýalary, lobbistik toparlary, rehimdarlyk fondunyň bähbitleri boýunça klublar, döredijilik we kooperatiw birleşmeleri, sport we beýleki jemgyýetleri, dini, jemgyýetçilik syýasy we beýleki guramalar we soýuzlar düzýärler.Bu

özbaşdak we döwlete garaşsyz jemgyýetçilik-syyasy institutlar raýatlaryň ynamy ugrunda göreşýärler, syýasatdaky, ykdysadyýetdäki durmuş rehimsizligi, jemgyýetçilik durmuşyndaky we önümçilikdäki deňsizligini tankytlaýarlar.

## VII. Türkmen halkynyň syýasy ýörelgeleriniň milli taryhy kökleri we häzirkizaman esaslary barada.

2001-nji ýylyň fewral aýynyň 18-ne Ỳaşulularyň X döwlet maslahatynda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hem-de Umumymilli “Galkynyş” hereketiniň bilelikdäki mejlisinde Mukaddes Ruhnama kabul edildi.

Ruhnamanyň taryhy zerurlygy şu aşakdakylardan ybarat.

1. Dünýä taryhynda keramatly bolan seýrek kitaplar (Töwran, Injil, Zebury, Gurhan) bolan. Bu 4 kitap asmandan iberilen kitaplar. Başga-da bir topar namalar (“Oguznamalar”) hem ýazyldy. Emma ol kitaplarda taryhy maglumatlar berilýär. Taryhy wakalar, geçmişiň taryhy maglumatlar berilipdir. “Oguznamalaryň” hiç birinde-de günki mesele-de, geljekki mesele-de gozgalmaýar.
2. Ruhnama kitap ýöne ol taryhy däl. Ol pelsepe kitaby. Taryhy nädip ýazmalydygynyň umumy ruhy esaslarynyň kitaby. Ruhnama üçünji müňýyllygyň “Oguznamasydyr” Türkmennamadyr. Ruhnama geçmişi diňe geljegiň nazaryýetinden beýan edýär. Geçmişden geljek agtarylýar. Diýmek Ruhnama bitewilik kitaby. Bitewilik pelsepesini bermeli. Bitewi taglymat gerek. Ol – Ruhnama. Türkmeniň ýetjekmenziline şamçyragymdyr. Jemgyýetiň ähli esaslary bir taglymatyň üsti bilen gurnamaly.Millete anyk, bitewi ýaşaýyş ölçegi gerek. Ol – Ruhnamadyr.

- Millilik – aňyýetidir. 5 müňýyllyk taryhy – milli duýgyny, milli buýsanjy belentlige göterdi.
- Millet hakynda täze maglumat. Onuň emele gelmeginde ruhy birlik, bitewilik, umumy bähbide laýyk gelýän

maglumat, döwlet baştutanyna uýmak zerur. Milletiň kemala gelmeginde esasy şertler-bitewilik, millilikdir.

- Milli buýsanç-aňyýeti. “Biziň buýsanç bilen özümize türkmen diýýäris” (s 55).

1. türkmen häsiýetini dünýä ýaýran.
2. Umumyadamzat gymmatlyklaryny emele getiren, 5 siwilizasiýanyň birini döreden.
3. Bäş müň ýyllyk türkmen halkynyň taryhy ýoly.

Garaşyzlyk – Baky Bitaraplyk aňyýetidir.

1.Aslymyza dolanmak milli köklere ýüzlenmek.
2.Türkmen geçmişini bilsin, beýikdigine göz ýetirsin.
3.On ýylda türkmen beýikdigine ynandy.
4.Ykdysady ösüşde birinji orna çykdy (s 71).
5.Sarp ediji milletdiginden, dörediji millete öwrüldi (s 75).

Ruhybelentlik aňyýet (s 10). Gadymy häsiýet dürli synagdan geçdi (s 9).

- Dinini saklap, arassalygyny saklap päkize, halal milli gylyk-häsiýetlerini döretdiler, 17 asyra çenli (s 13) taglymatymyz-ruhybelent ýaşamak Oguz handan orta asyryň ahyryna çenli dowam edipdir.

Ỳylgyryp gürrüňleşmek. Köpçülikleýin hoş söz tapmak. Kalplar açylar hem özüňiz, hem beýlekiler hezil ediner. Adam ýerde, göwün guşy asmanda. Göwün guşy perman bilen uçmaýar.

- Kyn ýagdaýda başyňyz belent tutmaly. Ỳüregiň yssysy bolmasa ýaşamak kyn bolar.
- Ruhybelentlik gerek:

1. Ruhybelentlik-ýaşaýşa bolan yşgyň gowşamazlygy.
- ýaşaýşa bolan hyjuwyň mizemezligi.
- Adamçylyk mertebäniň duýup ýaşamak.
- Kalbyň ýylysynyň ýitirmezlik.
2. Ỳaşlykda ruhybelentlik ýokary.
- Beden berdaşlygy.

- Durmuşa höwes ýokary.

3. Garradygyça beden tapdan duşýar. Emma ruhyňy belent saklamaly. Beden hyjuwyna däl, ruhy hyjuwa (ruhy gymmatlyklar) daýanmaly.

Ruhyň ýaýşyň üç sany serişdesi bar. 1.Zehin, 2.Akyl, 3.Hakyda. Adam zehinli we akyl ata-babalarymyzdan miras diýýär. Adam şahsyýeti iki döwürde bölünýär.

1. Adamyň özüni bilmeýän döwre.
2. Özüni bilip başlandan soňky döwür. Hakyda döwri. Hakydasy, ýaly kemala gelýär. Şahsy ömri-wakalar ýadynda. Adam özüňi wagty ata-babasynyň ömri bilen ýaşaýar.

## VIII. Garaşsyzlyk ýyllarynda syýasy aňyýet

Adam arzuw bilen ýaşar. Arzuwdan umydy üzse ruhy peselýär. Lapykeçlige ýüz urýar. Ruhybelentligi saklaýan zat rehim-şepagatlylyk, halallyk, adalatlylyk agzybirligi saklamak, iliňi, goňşyňy söýmek, iliňi söýmek.

Şu zatlar saklanmaýan halatynda ruhy peslik döreýär.

- Allatagala adamy döredende oňa ten beripdir, ruh beripdir. Adamyň, ruhy belent bolanda, her adamyň ruhy jemlenip halkyň ruhyny emele getirýär, ruhybelentligi döredýär.
- Türkmen ruhyna täsir edýän zatlar-tebigaty (Garagum çöli, deňiz-derýa, dag we ş.m.).
- Ata-babalaryň ruhy-ene topraga dönen ata-babalarymyzyň ruhy täsir edýär.
- Topraga düşen däne täzeden gaplaýar. Atalaryň ruhy hem adamlaryň ruhynda döreýär. Ruh ruhdan döreýär.
- Diýmek, ruhy joşdurýan, durmuşa höwes döredýän ata-babalarynyň ruhudyr. Olar – gahrymançylygy, milletine, diline, dinine, tebigatyna, aýdymyna, sazyna, maşgalasyna, däp-dessurlaryna bolan söýgi.

- Millet döräli bäri onuň milli ruhy bolupdyr. Her döwürde, dünýäniň özgermegi bilen öz öwüşginini tapypdyr. Gymmatyny ýitirmän, bäş eýýamy geçipdir.

- Türkmen ruhybelent halk. Beýleki halklaryň hem ruhybelentligini isleýär. Türkmen:

- Ýagşylyk etmek
- Möhümini bitirmek ýaly zatlardan lezzet alýar.
- Gowy adam bolmak-özüňe bagly.

1. Salamlaşmak
2. Adamyň gadrynyň bilinmegi. Gowy adam bolmaga çagyryş (kim bolsa-da).
3. Orden medallar, atlar.
4. Gowy adamlara-gowy adamlygy-ruhybelentligi üçin "Ruhybelent ordeni döretdi (ilkinji bolup Saparmyrat Türkmenbaşy mynasyp boldy)".
5. Oguz han mekdebine, ynsanperwerlige sarpa goýup, "Il ýaşulysy" beýik at döredildi.
6. Watana söýgi. Ruhybelentliligi döredýär. Ähli zat Watan diýen ýeke-täk düşünje bilen ölçelýär.
7. Howa ýaly gerek. Ruhnama – ruhybelentligi döredýär. Türkmeniň döreden häsiýetlere, pähim-paýhasy-olar türkmeniň ruhy dünýäsiniň geçmişidir.

## IX. Jemgyýetçilik gatnaşyklarda maşgalanyň orny

Enäniň perzendine bolan söýgüsi ruhy terbiýäniň gözbaşydyr. Enäniň öz perzendiniň öňünde borçlary bar.

1. Enäniň perzendi dünýä inmezden öň oňa taýýarlyk görmek borjy.
2. Perzendi dünýä inenden soň, ony sagdyn ösdürmek borjy.
3. Enäniň perzendini mähir bilen milli ruhda terbiýelemgi, ýaş ynsanyň kalbyny şirin hüwdüler hem halk aýdymlary bilen gandyrmagy.

4. Enäniň öz perzendini mähirli, mylaýym, ruhybelent edip ýetişdirmek, öz perzendine ýagşy görim-göreldeli endikleri öwrenmek borjy.

5. Öz perzendiniň ýagşy hünärli bolmagyny gazanmak, onuň geljegi babatdaky, il-güne, ýarap bilýän adam bolup ýetişmegi babatdaky borjy.

Ruhnamada bellenişi ýaly, Ene mukaddesdir, edil şonuň ýaly, ene hakdaky gürrüň hem mukaddesdir. Adam atasynyň-bilinden, enesiniň bolsa ýüreginden öndürýän.

- Türkmende "Atasyz-ýetim, enesiz-ýesir" diýen nakyl bar. "Ỳetim" sözünden, maddy horuk, maddy mätäçlik manysyduýulýar. Emma ýesir diýen sözde ruhy hossarsyzlyk, ruhy ýalňyzlyk, ruhy daýançsyzlyk manysy bar. Ỳesir-ruhy biperwasyzlyk doňbagyrlykdan döreýär.
- Enesizlik-mähir ýetmezçiligidir. Ene söýgüsi mähiridir. Adamyň ilkinji Watany-enedir, onuň adam bolup kemala gelýän ilkinji watan ene rehmidir.
- Adamyň çagalyga çenli ýaşaýan, dil çykarýan, aňyny we duýgularyny kemal edýän ilkinji enäniň ýyly gujagydyr.
- Diýmek, Alla ýaradyjydyr, ene – döredijidir.
- Ỳaşlykda atadan-eneden juda düşen Saparmyrat Türkmenbaşy Ruhnama şeýle ýazýar: "Türkmeniň ajaýyp nakyly bar: "Aglasa enem aglar, galany ýalan aglar" diýip. Ene öz çagasynyň üstünde hemişe kökenekdir. Eneleriň hormatlaň, eneleriňizi söýüň".

## II

Atanyň öz perzendiniň öňündäki borjy. Perzent dünýä inenden soň, atanyň hem öz borjy bolýar.

1. Öz mirasdüşeriniň saglygyny gorap saklamak we oňa gözegçilik etmek borjy.
2. Perzendine döwrebap ylym-terbiýe bermek borjy.

3. Ony päk ýürekli, halal arassa ahlakly, Watany, ilgünini söýýän adam edip ýetişdirmek borjy.

4. Perzendine hünär öwrenmek borjy.

5. Perzendine halal zähmet çekmek, il içinde sylagly-hormat, ile ýaraýan adam bolmak duýgusyny terbiýelemek borjy.

6. Perzendini öýli işikli etmek borjy.

Ruhnamada şeýle diýilýär: “Arzuwlap ýeten, arzuwlap guran Altyn asyrymyzyň altyn perzentleri!

Ata-seniň il öňündäki tutarygyňdyr. Saňa özüňden öňurti ataňa seredip baha keserler. Sen sebäpli ataň ýüzi gyzarmaly bolmasyn.

Sen ataň mirasdüşerisiň, ataň diňe baýlygy däl, at-abraýy, biabraýlygy hem saňa miras galýandyr. Ataň maly terekä saýalap, emma abraýy ähli doganlaryňyza bölünmän, bitewiligine geçer”.

Ömür – barlykdyr, ölüm – ýoklukdyr. Ỳokluk biridir, barlyk üçdir.

1. Özüňi – şu günki barlygyň.
2. Perzendiň – ertirki barlygyň.
3. Ataň – düýnki barlygyňdyr.

**III**

Perzent ruhy binanyň ölçegi. Perzendiň ene-atanyň öňündäki borçlary:

1. Perzendiň ene-atanyň iň mähriban adamlardygyna düşünmek borjy.

2. Ene-ata sylag-hormak etmek borjy.

3. Ene-atanyň aýdanlaryny diňläp, ýumuşlaryny ýerineýetirmek borjy.

4. Ene-atanyň ýagşy göreldesine eýermek, ylym-bilim almak, edep-terbiýeli, akyl-paýhasly adam bolup ýetişmek borjy.

5. Dürli hünärleri öwrenmek borjy.

6. Ene-atasyny, dogan-garnaşyny, dogdyk mekanyny söýmekborjy.

7. Ata-Watany, il-gününi söýmek borjy.

- Gorkut atanyň pähimi: “Patyşa haky-Taňrynyň haky”, “Ata haky-Taňrynyň haky”, “Ene haky-Tagrynyň haky”.
- “hak” diýen söz – “hukuk” diýen söz.
- Şeýlelikde, Taňrynyň hukugy – Patyşa, ata we enä berilipdir.

1. Her bir raýat – Patyşanyň öňünde borjydyr (borç-bergi).

2. Ene bilen atanyň hukugy – perzendiň olaryň öňündäki borjy.

- Perzent dünýä inen üçin ene-ata minnetdardyr. Ata perzendiniň alladan soňky ikinji hossary.
- Ömür üç sany galadan ybarat:

1. Ömürlik gala-Watan.
2. Önüp-ösen ýeriň. Ene-ata bilen.
3. Gelniň bilen guran öýüň.

- Perzent ene-atanyň dowamaty. Onuň borjy ene-ata hakyny berjaý etmeli. Ỳagşy at dakmak ene-ataň borjy.
- Perzent ömür ötünçä hyzmat etse-de ene-atanyň bir gijeki hyzmatyny üzüp bilmez.

**IV**

Ỳylgyryş adamyň ruhy ýüzi. Ỳylgyryş mähremligiň nyşany. Ỳylgyrýan ýüzde nur bar. Ene-ataň ýylgyryşyny zer döküp, satyn alyn  alyp bolmaýar. Ýylgyryp duşmany dost edip bolýar.

- ýylgyryş – söýgüdir, mähirdir. Ỳylgyryş ynsan dünýäsiniň gapysy. Gözleriň ýylgyryşy – adamyň ruhy dünýäsiniň derwezesi. Ylahy gudratlara diňe ýylgyryp, ýetip bolýar.
- Ỳylgyrmak adamyň ruhy ýüzi. Ỳazlar zemniň ýylgyryşy. Sazyň gutaran ýerinde ýylgyryş başlanýar.

**Ata-enäniň borjy.**

1. Perzende at dakmak.
2. Edip bermek.
3. Bilim bermek.
4. Hünär öwrenmek.
5. Öýermek.
6. Öýli-işikli etmek.
7. Watanyň hyzmatyna bermek.

**Perzendiň borçlary.**

1. Ene-atаň buýrugyny berjaý et.
2. Oňlamadyk işinden gaýt.
3. Güler ýüz bilen garşyla.
4. Diýenini wagtynda et.
5. Ỳanyňdaka gaty gepleme.
6. Gatyrganma.
7. Köňlüne gussa salma.
8. Gyňyr söz aýtma.
9. Hoşamaý bol.
10. Gözüniň içine bakyp gepleme.
11. Ỳanynda pyňkyrma, ýakymsyz söz aýtma.
12. Şatlansa-şatlan, gaýgylansa-agla.
13. Garryllyk, tapsyzlyk zerarly berse, giň bol.
14. Derdini paýlaş.
15. Ynjytmazlyga çalyş, uzak ýaş dile.
16. Egin-eşigi, iýýäni, özüňkiden gowy bolsun.
17. Dostlaryny dost tut.

## X. Jemgiýetçilik gatnaşyklarynda maddy serişdeler

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynda maddy serişdeler barada gadymy döwürlerden bäri dürli pikirler, garaýyşlar döräpdir. Garaşsyzlyk ýyllarynda Mukaddes Ruhnamada ilkinji Prezidentimiz bu barada şeýle diýýär: “Baýlyk durmuşda ahyrky maksat däl-de, serişdedir. Baýlyk entek serişdeliginde galýarka – haýydyr. Haçanda ol ahyrky maksada öwrülende, ol

adamyň garşysyna işläp başlaýar we adamy zaýalaýar. Şonda adam baýlygyň elindäki serişdä öwrülýär. Şonuň üçin adam baýlygyň däl-de, baýlyk adamyň gullugynda bolmalydyr.”

- ýaşaýyşyň esasy meseleleriniň biri-baylyga gatnaşyk baradaky meseledir. Adam zatdan ýokarda bolmaly. Adam nurdan-ruhdan ýaradylan, baýlyklar maddadan ýaradylan.
- Nebis – adamyň içindäki iň uly bela. Oňa wagtynda nogta salynmasa, ol adamyň basyny iýýär.
- Baýlyk – suw, adam – ekindir. Suwy tugşytly tutup, bol hasyl alyp bolýar. Artyk tutsaň ekin gurar. Emma baýlyk sildir, ondan bir tarapa sowlup durmaly.
- Dünýäde hemme zat wagtlaça. Baýlyk hem wagtlaýynça. Oňa erk etmeli. Baýlyk, zat ýoldan çykarar. Diýmek baýlyk haramlygyň çeşmesi we haramlygyň netijesi. Şonuň üçin maddy isleglere çäklilik gerek – Altyn asyrda ýaşaýan türkmenleriň esasy sypaty şeýle bolmaly.
- Baýlyk gulçuluga alyp barýar. Şonuň üçin baýlygy başarmaly. Türkmen “Gedaýçylyga-da gurp gerek” diýip ýöne ýene aýtmaýar. Baý bolmak üçin ilki özüňi baýlyga taýýarlamaly. Baýlygy gazanandan saklamak kyndyr.
- Aşa gysganç hem bolmaly däl, tarhan dökerligem etmeli däl. Aralykda altyn meýdan tapmaly.
- Halkymyz baýlyk hakynda: “Mesligi goýun götär, goýnuň hem garasy” diýen pähimi döreden. Baýlygy götermek üçin:
  1. Erk giňlik.
  2. Pähim-paýhas, düşünje gerek.
- Baýlygy göterinip bilmek endigi terbiýelemek esasy maksatlaryň biri.
- Göwni baý adam-baýlyga özüni aldyrmaýan adamdyr.
- Baýlyklar ikä bölünýär:
  1. Halal baýlyk.

2. Haram baýlyk.

Halal baýlyk – siňdirilen zähmetiň möçberi gazanylan baýlygyň mukdaryna deň bolmagydyr. Halal baýlyk – imana deňdir. Halallyk – iliň ýüzüne dogry bakmaga, özüňi arkaýyn duýmaga, göwni giň tutmaga hukuk berýär. Halal adamyň müni ýokdur. Halal adamlar jemgyýetde ynamy we guwanjy döredýär. Halallyk artdygyça adamkärçilik hem artýar. Halal baýlyk – döwletdir. Şonuň üçin özüňe döwletli diýdir.

Haram baýlyk – özgäniň hasabyna gazanylan baýlykdyr. Haram baýlyk galplyk bilen gazanylan baýlykdyr. Jomart – halallykdan, husytlyk-haramlykdan nyşan. Häzirki wagtda – baýlygy halal gazanmak, halal baýlary köpeltmek jemgýyetiň agzybirligi, sagdynlygy we asudalygy baradaky aladalar bilen baglanşykly.

Haram baýlyk köpeldigiçe, jemgyýetiň ahlak sagdynlygyna köp zeper ýetýär.

**II**

Rysgal – döwleti hakynda. Baýlykdan iň oňat zat – ruhy baýlykdyr. Şeýle adamyň – göwni baý bolýar. Göwni baý adam – baýlyga özüni aldyrmaýar. Göwni baý adamyň pikiri-niýeti halal, sözi halal bolýar. Olaryň işi hem halal bolýar. Şeýle adamlar ruhyny baýatýar, adamçylyk mertebesini galdyrýar, bilimini-paýhasyny artdyrýar. Şeýle adamlaryň baýlygy-ile haýry degýär. Baýlygyň çeşmesi – dosty boýunça baha berýärler. Adam diňe ýüregine ýakyn ümi alyşýan kişisi bilen dost bolýandyr.

- Dostlugy kesgitlemegiň ýollary.

a) Köne düşünjelere görä, her adamyň öz jany bolarmyş. Ol adamyň ýanynda bolup, adamlar entek ýakynlaşmanka, jynlar bir-birini götermiş.

b) Eger iki kişiniň jynlary biri-birine ýarasa, onda olaryň eýeleri hem biri-birini gowy görýär. Şonuň üçin türkmen

dilinde “jyny alyşdy”, “jyny jynkyryşmady”, “jyny alyşdy” diýen sözler ýöne ýerden döremändir.

c) Köne gadymy garaýyşlarda hem dostlugyň arassa ruhy ahwalatdygy aňladylypdyr. Jynlar birek – biregiň “menini” bilen gatnaşyk edýärler:

d) Diýemk, hakyky dostluk nep, bähbit, hajat bilen dahylly däldir. Ol ruhyň, häsiýetiň, küýüň alyşmagydyr.

- Emma geçmişde ruhy nepislikleriň manysy ýoýuldy. Hakyky dostluk, dostluk döredi. Şeýlelikde şu görnüşlere eýe boldy.

1. Ỳürekdes dost – hakyky dost.
2. Aş dosty.
3. Heleý dosty.
4. Wezipe dosty.

- Dostluk ruhy-aň ýalňyzlygyndan halas edýär. Adam bilen Bedewiň arasyndaky dostluk hem jana-jan dostlukdyr.
- Adam bilen ýaradanyň arasynda hem dostluk bolýar. Olara weliler ýa-da öwlýäler diýilýär. Weliler ömrüni, ruhyny diňe ýaradana rowa görüpdirler. Olaryň käbiri ýüreginiňkä paýlamajak bolup öýlenmeýär.
- Dostluk-ýüregiňi bütinligi bilen özge birine bagyş etmek. Dostluk ýürek-ukybydyr. Ỳürek ukyby-söýgüdir.
- Iň baý kişi – mähre baý adamdyr.

## III

Dogan adam şahsyýetiniň haýsydyr bir ruhy hajatyndan gelip çykmaýar. Dogan islege berilmeýär. Dogany saýlap tutup bolmaýar.

1. Dogany gan-tohum baglanşyklary kesgitleýär, gan kesgitleýär.

- Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen halkynyň dosta bolan garaýşy, oňa goýýan hormat-sarpasy dogrusynda ajaýyp pähimleri aýtdy. Dostluk, doganlyk türkmeniň baky hemrasydyr. Dostluk-adamlaryň biri-birini gowy görmegi

netijesinde emele gelýän sazlaşykly gatnaşyklardyr. Dostluk ruhy-ahlagy ahwaldyr.

- Dostluk, doganlyk türkmeniň baky hemrasy bolsun. Diňe bir dostuňa däl, ähli kişä gowy, hoşamaý sözleri, ruhyňy göterýän sözleri aýtmagy, uzak, bagtyýar ömür arzuw etmegi Garaşsyzlyk döwrümiziň esasy ýörelgesi edineliň! Nä hoşlan adamyň halyndan habar almak, oňa göwünlik bermek biziň borjumyzdyr. "Hoşamaý söz süňk döwer" diýen pähimi türkmen hoşamaý sözüň gudratyna –güýjüne açykdan-açyk göz ýetirenden soň aýdandyr.

- Garaşşyz döwletimizde dostluk baş ýörelgämize öwrüldi. Türkmen Garaşşyz jemgyýetde bir jan-bir ten bolup, dost bolup, dogan bolup agzybirlikde ýaşap başlady.

- Dostluk – uly güýç. Biziň dostluk güýjimiz altyn ýaşaýyşymyzyň esasy sütini bolup ruhymyzy galkyndyrýar, maksatlarymyza ýetirýär, durmuşymyzyň süýjiligine süýjilik, many-mazmunyna many-mazmun goşýar.

- Adamyň durmuşynda sap ruhy hadysalar bolýar. Ruha azatlyk hem meýletinlik mahsus (sebäp zor bilen dostluk bolmaýar). Şol ruhy hadysalaryň biri-de dostlukdyr.

1. Köpçüligiň içinden belli birini dost tutynmaklyga adamy onuň içki ruhy küýsegi iterýär.
2. Adam ruhy özi bilen pikirdeş häsiýetdeş hem ykbaldaş kişini gözleýär.
3. Adam şahsyýet hökmünde özüňi aňlap ugrundan özüne ýakyn birligi küýseýär.
4. Çyn dostluk seýrekdir. Sebäbi dostluk dost bolmak munuň özi adamyň juda seýrek başarnyklarynyň biridir.

- Dost adamyň ikinji özidir. Türkmen "Ỳigidi dostundan tana" diýip ýöne ýere aýtmaýar. Dosty nähili bolsa, adama hem zähmetdir. Rusgal özüne ýeterlik halal baýlyk. Zähmet halasgär.

1) Ỳaltalyk-nebsiň çöwre ýuzi.
2) Zähmet-döwletiň dogany.

3) Zähmet-baýlygyň dogany.

Türkmeniň maddy baýlyga bolan garaýşy özboluşly. Bu meselede Ortalykda durýar. Maddy baýlyga bütinleý berilmek-adamy harsy dünýälige eltýär, ony bütinleý inkär etmek terki dünýälige ertýär. Öz ruhy ahlak ýörelgäň bolmaly. Baýlygy ruhlandyrmaly. Munuň özi rysgal döwletdir. Ol uly bagtdyr. Rysgal döwlet ruhy ahlak maddy nygmat. Döwlet halal gazanç bilen gazanylan zat. Rysgal adamyň halal hereketi Allanyň oňa berýän nygmaty. Halallyk bilen baglanşykly. Adamy azgynlyga getirmeýär.

## XI. Ahlakly syýasat mümkinmi?
## I.Ahlak we syýasatyń aragatnaşyklaryna bolan esasy garaýyşlar. Maralizator çemeleşme.

Dünýä durmuş durmuşynda ahlak bilen syýasatyń aragatnaşyklaryna bolan 4 esasy çemeleşmäni tapawutlandyrmak mümkin. Olardan taryhy ilkinjilerin biri moralizator (akyl öwrediji, edep-ekram öwrediji) çemeleşmesidir. Ahyrky, in sonky formada - ahlak absolýutizmi formasynda beýan edilip - bu çemeleşme syýasatyń dine ýokary ahlakly maksatlarynyn (ähli umumy abadanlyk, adalatlylyk we ş.m.) bolman, eýsem, dürli ýagdaýlarda mümkin bolan ahlakly serişdeleri peýdalanyp, ahlak prinsiplerini (hakykatçylyk, adamlara ýagşylyk islemek, çynsözlülik we ş.m.) bozmazlygy ańladýar.

Tä täze döwre çenli jemgyýetçilik pikirinde agalyk eden syýasata moralizator çemeleşme XX asyrda-da öz täsirini ýitirmändir. "Hristian ahlaklylygynda aýratyn adamyn içinde Hudaý hökümini amala aşyrmak görnüşinin bolşy ýaly, hristian syýasaty bir bitewi, uly böleklerden - halklardan, taýpalardan we döwletlerden durýan bürin adamzat üçin Hudaýyn

höküminin gelmegini taýýarlamalydyr" diýip, meşhur rus dini filosofy W. S. Solowýow ýazýar.

Ahyrky nokatlardan azat edilen syýasata moralizator çemeleşme häzirki zaman dünýäsinin has täsirli syýasy hereketlerinin biri -hristian-demokratik hereketin ideologiýasynda görkezilendir. Syýasatyń subýektlerinin ahlakly oriýentiri hökmünde düşünilýän munun ýaly çemeleşme, olaryn sosial hakykylyklary göz öńünde tutup, ony ahlakly etmäge ymtylmaklary, syýasatyń ynsanperwer bolmaklygyna ýardam etýär. Şol bir wagtda-da durmuş ahlak absolýutizmi ruhunda syýasatyn ahlaga doly boýun egdirilmek synanyşyklarynyn onun effektiwsizlige duşar bolýandygyny we şonun bilen birlikde ahlagam, syýasatam abraýdan düşürýändigini görkezdi.

## II. Syýasat ahlakdan daşary.

Syýasatyn we ahlagyn tapawutlarynyn gipertrofirlenen şöhlelenmesi jemgyýatçilik durmuşynyn bu 2 sferasyny biri-birinden aýrylaşdyrýan, olaryn aragatnaşyklaryna çemeleşmek bolup durýar. Bu (ikinji) çemeleşmä laýyklykda, syýasat we ahlak awtonomdyr we biri-birinin hukygyna, ygtyýaryna goşulmaly däldirler. Ahlak - bu raýat jemgyýetinin şahsy jogapkärçiligin işi, syýasat bolsa - ahlaklylykdan azat toparlaýyn bähbitlerin gapma-garşylyk oblasty.

Köpler munun ýaly garaýyşlaryn nesilbaşysy hökmünde Makiawellini görkezýärler. Hakykatdanda, ozal bellenilişi ýaly, bu görnükli akyldar syýasatyn barlaglaryny dini we etiki gözegçilikden azat etdi, syýasy analizin merkezinde syýasatyn effektiwligi problemasyny goýdy. Özünin meşhur "Hökümdar" (1532) atly işinde ol syýasatyn jemgyýetçilik häsiýetlerinin

şol sanda adamlaryn ahlagynyn bozulanlygyny hökman göz önunde tutmalydyr diýip, ykrar edýär. Elmydama ýagşylyk etmek isleýän adam, hakykyist bolmasa, daş töweregini gurşap alýan ahlaksyzlaryn içinde hiç zat gazanyp bilmez we heläk bolar. Şonun üçin halkda raýat päk ahlaklygy, ýagşylyklary ösmedik bolsa we jemgyýetde anarhiýa ösýän bolsa, onda döwletin we düzgünleriń halas edilmeginin hatyrasyna hökümdaryn dürli, şol sanda ahlaksyz serişdeleri peýdalanmaga hak-hukugy bardyr. Şahsy durmuşynda bolsa ol ahlagyn ähli umumy kabul edilen normalaryndan ugur almaga borçludyr.

Şeýlelikde, Makiawelli ahlagy syýasatçylaryn şahsy durmuşynyn regulýatory, şeýle hem paýhasly maksatlar we olara ýetilmegin ahlaksyz usullaryny aklaýan hökmünde saklap galýar. Şonun üçin ony syýasatyn ahlakdan doly arany açmasynyn apologety (tarapdary) hasaplamak ýalnyş bolar. Munun ýaly arany açma esasan ýokary derejede Russiýanyn bolşewik serdarlaryna mahsusdyr. "Syýasatda ahlak ýok, dine maksadalaýyklyk, amatlylyk bar" - diýip, W. I. Lenin belläpdir.

Syýasaty ahlak baha bermelerinden azat etmäge, ony ýagşy bilen ýamanyn anry ýüzünde goýmaga synanyşyklar, düzgün bolşy ýaly, adamkärçiliksiz hereketleri aklamak ýa-da in bolmanda syýasaty tankytdan boşatmak üçin geçirilýär. Hakykat ýüzünde bolsa olar syýasatyn ahlak oblastyna goşulmagyna we onun dargadylmagyna getirýär.

## III. Syýasat - bu betbagtlykmy? (ýamanlykmy?)

Ahlak gymmatlyklarynyn syýasat tarapyndan äsgermezlik edilmegi ony ahlaksyz edýär. Hakyky

durmuşda syýasatyn ahlaksyzlygy - gin ýaýran hadysadyr. Bu syýasatyn we ahlagyn ýaraşyksyz gapma-garşylyklar - ýagşy (ahlak) we ýaman (syýasat) hökmünde düşündirmäge esas bolup hyzmat edýär. Bu olaryń baglanşygyna üçünji (3) nukdaýnazar.

Anarhizm syýasata has negatiw bahalary berýär. Syýasat we onun esasy göterijisi - döwletin "edil özi zorluk, açyk we gizlin zorlugyn kömegi bilen agalyk" diýip, rus anarhizminiń atasy M. A. Bakunin ýazypdyr. Ýamanlyk - syýasatyn tebigatyndan-hökümiýetden gelip çykýär. "Kime häkimiýet ygtyýarlary berlen bolsa, şol hemişelik" sosiologik kanunlaryna görä, hökman ezijä we zulumkeşe öwrüler. "...üstesinde-de, häkimiýet dine ona eýe bolanlary däl, eýsem, ona boýun bolýanlary hem azdyrýar".

Anarhizme ýakyn, syýasata umumy baha bermegi marksizm hem goldaýar. Ol syýasaty ekspluatasiýanyn, synplaryn we sosial adalatsyzlygyn ýaşamagynyn, bar bolmagynyn gutulgysyz şerti, betbagtlyk zorluk oblasty hökmünde düşündirýär. Ýöne bu betbagtlygy ekspluatatorlary agdarmak, olaryn garşylyk görkezmelerini basyp ýatyrmak we sosial deńlige, jemgyýetçilik öz-özüni dolandyryşa we şahsyýet azatlygyna esaslanýan syýasy däl, kommunistik jemgyýeti gurmak üçin proletariatlara peýdalanmak zerurdyr.

Syýasata negatiw baha bermeleri liberal akyldarlarda hem görmek bolýar. "...Adamyn ýaşamagynyn, onun daşary zynylmagynyn obýektiwasiýasynyn iń nejis-ýaman formasy bolany üçin mende "syýasata" ýigrenç bar. Ol elmydama ýalanda esaslandyrylýar. Syýasat belli bir derejede adamlara eýe bolýan, adamlaryń ganyny soryan parazitar ösüntgidir" diýip, meşhur rus filosofy N. A. Berdýaýew ýazypdyr.

Näme üçin köp kişide, syýasat barada "hapa", ahlaksyz iş ýaly pikirler döreýär? Munun sebäpleri - dine adamlaryń ýalnyş pikirler etmeginde däl, eýsem, konkret syýasatyn hakyky häsiýetinde, şeýle hem umuman syýasatyn aýratynlyklaryndadyr.

### IV. Näme üçin syýasat "hapa iş ” ýaly görünýär?

Şonun ýaly görünmegini we köplenç syýasatyn hakyky ahlaksyzlygyny düşündirmeýän sebäplerin tutuş hataryny görkezmek mümkin. Olara şular degişlidir:

1.Ozal hem bellenen häkimiýetifi maddy we ruhy abadanlyklary adamlaryn ykballaryny dolandyrmak häsiýetleri. Bu ona eýe bolanlara ýokary abraý berýär, şahsy şöhraty we baýamagy isleýänleri döwlet "ahyryna" - ansat eklenje çekýär. Häkimiýete eýe bolan köplenç ony öz açgözlüginin maksatlarynda peýdalanmak isleglerini başdan geçýär, ona garaşly bolýan bolsa bu dünýäniń güýçlülerine bolan hormaty, ýolbaşçylara ýaranmak, ýallaklamak we ş.m. duýýar. Häkimiýetin dolandyrýanlara we dolaandyrylýanlara azdyryjy täsiri onun konsentrasiýasynyn we gözegçiliksizliginin artmagynyn güýçlenmeginin derejesinde ösýär. Meşhur inlis taryhçysy lord D. Aktonyn aýdyşy ýaly "her bir häkimiýet azdyrýar, absolýut häkimiýet bolsa absolýut derejede azdyrýar".

Häkimiýetin bu aýratynlyklarynyn syýasatyn ynsanperwerlige ugrukdyrylmagyny üpjün edilmege, jemgyýetde dürli görnüşli ýamanlyklaryn bes edilmegi dine kompetent däl, eýsem, ahlakly syýasy elitanyn saýlanylmagynyn effektiw sistemasynda, barlylaryn häkimiýetinin üstünden hereket edýän gözegçiligin üpjün edilmeginde zerurlyk çekýär.

2.Syýasatyn adamlaryn dewraýyş bähbitleri bilen organiki baglanyşygy. Eýýäm K. Marksyń we F. Engeldin belläp geçişi ýaly, ""Ideýa" "bähbitden" aýrylan badyna, hemişe özüni masgaralaýar". Muny tutuşlygyna praktiki özüni alyp barşyn motiwasiýalarynyń güýji astynda adatça maddy bähbitlere ýerini berýän ahlak ideýalarynyn köplügine degişli etmek bolar. Syýasatda hakyky, pragmatik bähbitler, mekirligi, aldawy, öldürmekligi we beýleki ahlaksyz etmişleri aklap, bolşy ýaly birinji planda durýardylar. Inlis koroly Ýakow I ilçilerinin birinin kinaýa? (duzly söz aýtmagy?) bilen aýdyşy ýaly, syýasatçy - "bu özünin döwletinin bähbidinin hatyrasyna aldamaly bolýar, sypaýy, mährem adamdyr".

Syýasat bilen ahlagyn arasyndaky kolliziýalar mydama ýüze çykyp durmuşa-da, munun ýaly gapma-garşylyklaryn ýüze çykan ýagdaýynda olar köplenç bähbitlerin peýdasyna çözülýärler.

3.Ahlakdan daşlaşmagy ańsatlaşdyrýan syýasy çözgütlerin
amala aşyrylmagynyn umumylaşdyrylmagy, wekilçiligi we bir zadyn üsti bilen amala aşyrylmagy. Adatça syýasy çözgütler
partiýanyn, halkyń, synpyn we ş.m. adyndan kabul edilýär we konkret şahsyýetlere degmän, ýeterlik umumy sosial toparlary we birleşikleri öz içine alýar. Çözgütleri kabul etýänler düzgün bolşy ýaly, olary gönüden-göni ýerine ýetirmeýärler we köplenç özleriniń syýasatynyn negatiw netijelerini görmeýärler we duýmaýarlar.

Umumy çozgütleri kabul etmek, meselem, tutuş ekspluatator synpy ýok etmek ýaly şözgütleri ahlak gatnaşyklarynda kabul etmek, onun iń bolmanda bir wekilini ýok etmekden ansatdyr.

Mälim bolşy ýaly, gyzyl terroryn ideology Lenin ýeterlik derejede terbiýeli we an-düşünjeli adam bolmak bilen, özünin gelip çykan aýratyn hukuklary synpyn adamlarynyn içinden bir bigünä adamy hut özi öldürip bilmezdi. Ýöne syýasatçy ýaly hereket edip, ol ýesirleri almak we olary atyp öldürmek baradaky buýruklary beripdir, general Ýudeniçin goşunlaryna köpçülikleýin ýörişde pulemýotlaryn önünde münlerçe parahat ýaşaýan "buržuýlary" goýmagy maslahat beripdir, eger britan ýa-da türk goşunlary Baku şäherini basyp alsalar, tutuş şäheri otlamagy-ýakmagy perman beripdir.

4.Köplenç ahlaklylygyň ähli umumy adamzat esaslaryna gapmagarşy gelýän toparlaýyn gymmatlyklaryň we toparlaýyn ahlagyň syýasata täsiri. Däp bolan ahlaklylykdan tapawutlylykda täze, synpy ahlagy döretmek synanyşyklary býurokratik sosializm ýurtlarynda alnyp barlypdyr. "Biziň ahlagymyz - proletariatyň synpy göreşiniń bähbitlerine doly tabyndyr. Bizin ahlagymyz proletariatyň synpy göreşiniń bähbitlerinden gelip çykýar" diýip, W.I.Lenin aýdypdyr.

Toparlaýyn bähbitlerin we umumy adamzat ahlagynyň gymmatlyklarynyň gapma-garşy goýulmagy, ahlagyň syýasata boýun egdirilmegi iş ýüzünde her bir ahlagyň dargadylmagyny, ýok edilmegini anladýar. Ahlagyň azmagynyň aýdyň mysaly - SSSR-de pioner Pawlik Morozowyň öz kakasynyň üstünden syýasy maglumat bermeginiň gahrymançylykly hereket - hökmünde propaganda edilmegi.

Toparlaýyn gymmatlyklaryň we bähbitleriň syýasatçylaryň we syýasatyň ahlaklylygyna negatiw täsiri adatça syýasy liderleriń özüniň partiýa ýa-da hökümet öýlerinden hapa-hupalary-zibilleri çykarmak

islemeýän, köplenç gowy däl-gelşiksiz faktlary gizleýän demokratik ýurtlarynda-da orný bar. Munda olardan käbirleri özleriniň ahlaksyz etmişlerini umumy işiň hatyrasyna edilen asylly-adamkärçilikli şahsy pida hökmünde aklamak üçin bilgeşleýin öz - "ellerini hapalaýarlar".

5. Syýasy hyýanat etmeleriň multiplikasion effekti. Ol häkimiýetin ýokary eşelonlaryndaky ahlaksyz hereketlerin köpelmek häsiýetine eýeligini, aşak tarap togalanyp gelýän gar tokgasy – ýaly ulalmagyny-smegini öz işine alýar. Hakyky ýagdaýda bu adatça ahlaksyz ýokary ýolbaşçynyn akýürek, dogruçyl işçilerden azatbolmaga ýa-da olary özünin ýaranyna - öwürmäge ymtylmaklarynda, özüne ýaramly adamlar bilen töweregini gurşamagynda, olaryn hem öz nobatynda özleri üçin şona mahsus daş-töweregi köpeltmeginde ýüze çykýar.

Hyýanat etmeleriň multiplikasion effekti häkimlik ediji elitanyn azmaklygyna we ýapyklygyna getirýär. Onun ýüze çykmalary aýratynda gowşak ösen awtonom böleklerin we aşakdan gözegçiligi bolan berk merkezleşdirilen syýasy strukturalarda has uludyr. Sonky ýyllarda Russiýada munun ýaly effekt, hususanda, korrupsiýanyn köpçülikleýin ýaýramagynda ýüze çykypdyr.

6.Syýasatyn effektiwlige, maksada ýetmeklige oriýentasiýasy ön bellenilişi ýaly, syýasy guramalar we hereketler kesgitli maksatlary mala aşyrmak üçin döredilýär. Olara ýetilmegin ýollary we serişdeleri guramanyn agzalary üçin ikinji derejeli ähmiýeti bar, bu bolsa ýolbaşçylaryň ahlaksyz serişdeleri ulanmak mümkinçiliklerini ańsatlaşdyrýar. Netijeliligiň hut özi üçin ýolbaşçylyk edýän guramanyň we elektoratyn agzalarynyň önünde jogapkärçilik çekýär. Netijeleri

gazanmagyń serişdeleri we usullary bolsa hiç kimi gyzyklandyrmaýar we adatça çetde, daşda galdyrylýar.

7. Syýasatyň konfliktliligi, onun syýasatyň subýektleriniň arasynda emosional duşmanlygy ýa-da iň bolmanda, dartgynlygy ýokarlandyrýan dostlaryň (soýuzdaşlaryn) - duşmanlaryn (bäsdeşleriň) gatnaşyklary hökmünde funksionirlemegi. Belli bolşy ýaly duşmanlara ýa-da bäsdeşlere örän seýrek ýagdaýlarda ýagşylyk etmek isleýärler, bu bolsa - ahlaklylygyn möhüm talaplarydyr.

8. Syýasatyň köpçülikleýinligi, ona jemgyýet tarapyndan üns berilmegi, şeýle hem raýatlaryň syýasy liderlere bildirýän has ýokary ahlak talaplary. Syýasat köp adamlaryň bähbitlerine degýär. Olary dine bir has kompetent hasaplaman, eýsem, iň gowy, ynanylmaga mynasyp adamlar hasaplaýarlar.

Syýasatçylara raýatlar ilki bilen 2 esasy häsiýeti, aýratynlyklary boýunça baha berýärler: işjen, iş bilen baglanyşykly (kompetentlik, işennirlik, adamlara ýolbaşçylyk edip bilmek ukyby) we adamzat, ahlak (tertiplilik, adalatlylyk, adamlar barada alada, olaryń bähbitlerini goramaga taýýarlyk). Syýasatçylaryn işjenliginin ýokary jemgyýetçilik derejesi üçin olaryn dine professional däl, eýsem, şahsy durmuşlary hem jemgyýetçilik pikirinin obýekti bolup durýar. Özem munda syýasatçylary adatça ýönekeý raýatlardan tapawutlylykda örän berk jezalandyrýarlar. Meselem, ABŞ-da prezidentlige we parlamentariilige dalaşgärler barentegi salgytlaryny doly tölemändigi üçin ýa-da bir mahallar oýnaşlarynyn bolandygy we bu zatlaryn hemmesiniń jemgyýetçilige ýaýrany üçin özlerinin syýasy karýerasy bilen hoşlaşmaly bolupdyrlar.

Ýönekeý raýatlara gatnaşykda bu faktlar hiç kimde diýen ýaly aýratyn garaýşy ýüze çykarmaýar.

Şeýlelikde, ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly, hakyky syýasat köplenç ahlaklylykdan örän daş bolýar we köpler tarapyndan "hapa iş" hasaplanýar. Ýöne syýasat ahlakdan doly bölünip aýrylyp bilmeýär, sebäbi bu irde-giçde syýasatyn özünin abraýdan düşmegine we tutuş jemgyýetin ýaramazlaşmagyna getirýär. Muna düşünilmegi, hakykyizme den talap hökmünde syýasat bilen ahlagyn aragatnaşygynyn çemeleşmelerinin indikisinde, dördünjisinde, görmek bolýar.

## V. Ahlak bilen syýasatyn gatnaşygyna kompromiss (ylalaşykly) çemeleşmesi. M. Weberin jogapkärçilik etikasy we ynandyrma etikasy.

Bu (dördünji) çemeleşme häzirki günde alymlaryň we syýasatçylaryń arasynda agdyklyk etýär. Ol syýasatyn spesifikasyny göz önünde tutýan, ahlagyn syýasata täsirinin zerurdygynyn ykrar edilmeginden gelip çykýar. Kompromiss çemeleşmäni esaslandyryjylaryn in esasylarynyń biri - Weber. Ol syýasatyn aýratynlyklaryny üns bilen göz öńunde tutmak zerur bolsa-da syýasat we etikany doly bölmek, arasyny açmak gerek däl hasaplapdyr. Iş bilen baglanşykly we seksual, gulluk we maşgala gatnaşyklaryna, dostlara we bäsdeşlere we ş.m. den ulanyp bolýan bir bitewi ahlak kodeksin bolmagy mümkin däl. Şonun üçin etika in esasysy zorluk ulanma bolup durýan syýasatyn aýratynlyklaryny hökman göz önünde tutmalydyr. "Adamzat soýuzlarynyń elindäki legitiw zorlugyn spesifik serişdelerinin hut özi hem syýasatyn ähli etiki problemalarynyn aýratynlyklaryny şertlendirýär" diýip, ol ýazýar.

Bu aýratynlyk syýasata, meselem, ýamanlyga zorluk bilen garşy durmazlyk baradaky ýewangeliýe wesýetini ýerine ýetirip bolmazlyga getirýär. Özünin professional işleriniň güýjüne laýyklykda syýasatçy ýamanlyk bilen göreşmelidir, garşylykly ýagdaýda ol onun ýeńşi üçin jogapkärçilik çekýändir.

Ahlagyn syýasata täsirinin çäklerini kesgitlemek üçin, Weber ahlagy ynandyrma etikasyna we jogapkärçiligin etikasyna bolýar. Ynandyrma etikasy nähili netijelere getirjekdigine garaşsyzlykda, çykdaýjylara we pidalara garaman, üýtgewsiz ahlak prinsiplerini alyp barmagy anladýar.

Jogapkärçilik etikasy tersine, konkret ýagdaýy, syýasatyn ilkinji nobatda onun netijelerine, oriýentasiýasy, özünin hereketlerinin önünden görüp bolýan netijeleri üçin syýasatçylaryń içki jogapkarcpiligi, uly ýamanlygyn, şol sanda-da kiçi ýamanlygyn komegi bilen oňüni almaga taýýarlygy hasaba almagy goz onünde tutýar. Jogapkarçilik etikasynyn we ynandyrma etikasynyn hakyky hereketlerdaki baglanyşygyny syýasatçynyň ozi kesgitlemelidir.

Weberiň ahlak we syýasatyň baglanşyklary baradaky bu ideyalary yeterlik giň yayramagy gazanypdyr. Ozünin hakyky bolup gorünmegine seretmezden olarda yetmezçilikleriň tutuş, hatary bar. Ilkinji nobatda-da Weber ahlagyň syyasata tasir etmeginiň mümkinçiliklerini çaklendirip, syyasatyň zorluk serişdelerini kanuny ýagdaýda ulanmagyna getirýar. Yone syýasatyň meseleleri, ayratynda hazirki zaman demokratik dowletlerde zorlugyň ulanylmagyndan has çylşyrymlydyr. Syýasy meseleleriň tutuş hatarynyň çozülýan wagty zorlugyň ulanylmagy ýa-da ulanmak howpunyň bolmagy işe

dine zyýan ýetirip biler. Rayat jogapkarçiliksiz, kompromisslere, raýdaşlyga we syýasy aktorlaryň (политические актора) kooperasiyasyna taýýarlyksyz hazirki zaman hukuk dowleti mümkin dal. Syyasatyň dizüminiň zorlugy ulanmagyň sferasynyň daşyna çykmagy onda ahlak gymmatlyklaryny has ginden peýdalanmaga mumkinçilik beryar.

## VI. Ahlak talaplarynyn institualizasiyasy.

Ahlagyň we syýasatyn gatnaşygy baradaky Weberin garaysy oz esasynda syyasatçylary konkret institusional normalarynda berkidilen beyleki adamlaryň we jemgyýetin oňündaki ahlak jogapkarçiliginden azat edýar, sebabi ol ahlak prinsiplerini alyp barmagy we syýasy maksatlaryň amala aşyrylmagy Uçin serişdelerin ulanylmagyny syyasatçylaryn ozlerinin garamagynda goýýar. Yone gornuşi yaly, hakimiyetin başynda duryan adamlaryn kopusi ozlerinin hereketlerinin ahlaksyzlygy barada asla pikir hem etmeyarler. Şonun Uçin syyasatyň ahlak tarapyny hukuk we jemgyyetçilik kontrolsyz goýmak - syýasatda ahlaksyzlygy höweslendirmek, ýardam bermekdir.

Ahlak talaplarynyň institualizasiyasy, olaryň ahlak prinsipleriniň bozulmagy Uçin kesgitli sanksiyalary goz öňünde tutyan syýasy guramalaryň we ilkinji nobatda-da hukuk normalarynda berkidilmegini oziinde gorkezyar. Munun yaly ahlagyn institusional berkidilmegi — syyasatyň gumanizasiýasynyň iň wajyp şertlerinin biridir. Institutlar syýasatda ahlaklylygy stimulirlap bilşi yaly, onuň tasirine-de garşy çykyp bilyarler. B. Sutoryn belleyşi yaly, syýasatyň gumanizasiyasy we ahlaklylygyň

berkidilmegi Uçin, "öz rayatlaryna has ýokary ýa-da hatda in beyik ahlak talaplaryny bildirýan" gurluş ingowy daldir. Hakykatda, ilkinji nobatda adam hasiyetinin onuň adaty ambiwalentliligine jogap berýän: adamlaryň ýaramaz endikleri, gylyklaryna zerur bolan çaklendirmeleri goýýan, ýöne şol bir wagtda-da adamlaryň öz-özünden ösmegi (саморазвитие), olaryň yagşylyga ukyplylygy uçin adamlaryn hukugy we erki için maksimal mumkin bolan ginişligi açýan gurluş. Has gowudyr.

Özüniň effektiwligi üçin syýasy institutlar keramatlylara, ahlak taýdan kämil adamlara däl-de, ýönekeý raýatlara niýetlenen bolmalydyr. Olar ýonekeý adamlara olaryn bahbitlerini yüze çykarmaga, hukuklaryny goramaga we borçlaryny ýerine ýetirmage, olary hemmeler Uçin makul "oynuň düzgiinlerini" - ahli jemgyyetin abadanlygy bilen indiwidual peydanyn baglanşygyny üpjün edýän döwlet kanunlaryny - berjaý etmäge çagyrmaga ýardam etmage gönükdirilendirler.

Hazirki zaman diinyasinde syyasata ahlak talaplarynyn institualizasiyasynyn merkezi ugry adam hukuklary bolup duryar. Diinya bileleşikleri tarapyndan kabul edilen resminamalara layyklykda, olar syyasatyn ynsanperwerligine baha bermeginin, onun adamzat ölçeginiň uniwersal kriteriyasy bolup çykyş edýär.

Ahlagyn syyasata tasin tutuslygyna ugurlaryn hatary boýunça yerine yetirilip bilner we hökman yerine yetirilmelidir. Bu — ahlakly maksatlaryn gurnalmasy, olara we hakyky yagdaylara adekwat usullaryn we serisdelerin saylawy, ahlak prinsiplerinin işjenliginin prosessinde hasabat, syyasatyn effektiwliginin iipjiin edilmegi. Elbetde, hakyky syyasatda bu talaplaryn ahlisinin yerine yetirilmegi - örän agyr çylşyrymly

meseledir. Tejribede onun ynsanperwerligi jar edilýän maksatlardan başga-da olara ýetiliş prosessinde ulanylýan usullara we serişdelere-de baglydyr.

## XII."Ynsanperwerligiň (gumanizmiň) syýasy ýüze çykmasy"

## I. Ynsanperwerlik düşünjesi.

Şahsyýete, jemgyýete we bütin adamzada gönükdirilen syýasatyň haýsy hem bolsa bir jemgyýetçilik işjeňliginiň has doly we aýdyň gulluk etmäge ynsanperwerlik (gumanizm) prinsipini şöhlelendirýär. 01 adama iň ýokary gymmatlyk hökmünde garamagy, her bir şahsyýetiň mertebesini, onuň ýaşaýşa hukugyny, azat, erkin ösüşini, öz ukyplaryny amala as.yrmagyny we bagta bolan ymtylyşyny hormatlamagy öňe sürýär, özünde jemleýär. Gumanizm adamyň ähli esasy hukuklaryny ykrar etmegi öňe sürýär, şahsyýetiň abadançylygyny jemgyýetçilik işjeňligine baha berilmeginiň iň ýokary kriteriýasy hökmünde ykrar edýär.

Bu uniwersal, planetar prinsip. 01 adamlary milli, synp (klass), dini, ganybir garyndaşjyk ýa-da haýsydyr bir şuňa meňzeş prinsip boýunça bölmeýär we adamzat nesliniň dürli wekillerine deň hormatly gatnaşyklary talap edýär, şeýle hem ejiz we betbagtlykdan ejir çekýän adamlara, meselem, bosgunlara, açlykdan horluk çekýänlere kömek berilmegini talap edýär.

Syýasatda ynsanperwerlik onuň guramaçylyk formalarynda, maksatlarda we düzüminde şeýle hem syýasy işjeňligiň serişdelerinde görkezilýär. Ähli raýatlaryň deňhukuklylygynyň we azatlygynyň ykrar edilmegine, halkyň häkimiýetiň üstünden gözegçiligine, adamyň hukuklaryny we mertebesini hormatlamaga

esaslanýan demokratik syýasy ulgamlar häzirki zaman şertlerinde syýasatyň guramaçylygynyň has ynsanperwer formasy bolup durýar.

Syýasatyň maksatlaryna we düzümine baglylykda ynsanperwerligi onuň adamyň bähbitleriniň amala aşyrylmagyna gönükdirilen ugurlarynda, ilatyň durmuş şertleriniň gowulanmagynyň we abadançylygyň ýokarlanmagynda, döwletde we tutus; planetada parahatçylygyň we durmuş adalatlylygyň berkidilmeginde görmek bolýar. Şu nukdaýnazardan şahsyýetiň erkin ösüşiniň we talaplaryny kanagatlandyrmagyň has gowy şertlerini üpjin edýän syýasat-has ynsanperwer syýasatdyr.

Serişdelerde ynsanperwerlik syýasy gapma-garşylygyň has yowuz, wagşy formalarynyň uruşlar, köpçülikleýin gyryş. serişdeleriniň: yader, himiki, bakteriologik, ekologik we ş.m. ulanylmagy, şahsyýeti dargadyjy ýa-da adam mertebesini kemsidiji serişdeleriň we gynamaklygyň gadagan edilmegi, şeýle hem ruhy zulumdan - aldawyň ýörite metodlarynyň kömegi bilen adamlaryň özüni alyp barşyny we anyny dolandyrmakdan yüz öwürmekde görünýär. Mundan başga-da gumanizm syýasatda maksatlaryň we serişdeleriň baglanşygynyň I. Kant tarapyndan öňe sürlen imperatiwi (talap, ahlakly kanunlar) bilen degişliliginde görkezilýär - adama beýleki adamlar serişde hökmünde däl-de, maksat hökmünde garamalydyr.

Ynsanperwerlik prinsipiniň döwletiň içindäki we halkara düzümleri bar. Halkara gatnaşykda ol parahatçylyk we onun berkidilmegi ugrundaky göreşde adalata we adamyň hormatlanmagyna esaslanyan halkara gatnaşyklarynyň we dünýä tertibinin döredilmeginde yüze çykyar. Bu hususan-da, halkyň

döwlet we jemgyyetçilik gurluşynyň azat saýlawlaryna hukugynyň ykrar edilmegi, garaşsyzlyk we özbaşdak döwletiň doredilmegi, dowletleriň deňhukuklylygy, biri-biriniň içerki işlerine gatyşmazlyk, jedelli döwletara meseleleriň çözülmeginde güýç ulanmakdan yüz owurmek, amatly hyzmatdaşlygyň ösüşi we halklaryň arasyndaky dostlugyň berkidilmegi we ş.m. göz öňünde tutýar. Döwletleriň içeri we daşary syýasatynyň möhüm ynsanperwer oriýentirleri BMG, Yewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk Guramasy (YeHHG) we birnäçe beýleki halkara guramalar tarapyndan kabul edilen resminamalaryň hatarynda öz beýan edilmesini we ýuridik berkidilmegini tapdylar.

Hazirki zaman şertlerinde ynsanperwerlik dine bir adamlaryň arasyndaky gönüden-göni aragatnaşyklarynyň sferasyny däl, eýsem adamyň tebigaty bolan gatnaşygyny hem häsiýetlendirýär. Tebigat elmydama adamyň yaşamagynyň zerur şerti, möhüm faktorlarynyň biri, adamlarynyň arasyndaky, hususanda, diirli nesilleriň arasyndaky gatnaşyklarda araçy bolup duryar. Yöne geçen asyrlarda adamyn işjeňligi hazirki yaly dargadyjy bolmandyr we global hem planetar mass.tablary kabul etmandir. Geçen ýüzýyllygyň II ýarymynda garaşylýan geljekde adamzadyň ekologik betbagtçylygynyň (катастрофа) howpy has hakyky görnüşlere geçipdir. Tebigata payhasly, ayawly gatnaşyklara esaslanýan ekologik syyasat mohum ynsanperwer, ahlak talaplary statusyna eye boldy. Sebabi ol dine siwilizasiyanyn indiki ösüşleri üçin däl, eýsem, adamzat neberesiniň ýaşamagynyň, onuň aman galmagynyň zerur şertine öwrülipdir. Häzirki günde ekologik syýasat häzirki ýaşap ýören adamlar bilen birlikde, geljekki nesiller barada hem alada edýär.

Häzirki zaman çylşyrymly gurnalan, gapma-garşylykly jemgyyetde onufi çunlaşýan global problemalary, adamlaryn durmuşyny gowulandyrmaga we şol bir wagtda-da adamzat siwilizasiyasynyn esaslaryny dargatmaga, yok etmage-de ukyply ylmy-tehniki progressin gazananlary bilen birlikde ynsanperwerlik sferasy ginelyar. ozallar aglaba rayat jemgyyetinin - adamlaryn hususy resmi dal gatnaşyklarynyn oblasty - meşgul bolyan hayyrly işden ynsanperwerlik dowlet, hatda dunya syyasatynyn (rangyna) derejesine gecyar. Adamzat neberesinde indi ynsanperwerlik syyasatynyn alternatiwalary yok, yas.amayar, garşylykly yagdayda ýagdaý global planetar katastrofa, degenerasiya ýa-da hatda biitin adamzadyn ýok bolmagy bilen doly bolar. Hakyky syýasat ynsanperwerligiň talaplaryna nähili derejelerde kabul etýar we umuman syýasat bilen ynsanperwerlik bir ýere sygyşýarmy?

## XIII. Ahlak ynsanperwerligin nusgasy hökmünde.

Adamzady soýmek idealarynyň formasynda yüze cykarylyan ynsanperwerlik gadymy dowiirden bari ilki bilen ahlagyn we hukugyfi ustunden syyasata we jemgyyete hakyky tasir edipdir. Ynsanperwerlik ideyalary ahlagyn umumy adamzat diizuminin yadrosyny diizyar. Ahlak anynyn sypatyna girip we polozitel ahlak bahany alyp, olar adamlaryn isjenliginin oriyentirleri we regulyatorlary bolyarlar, olardan kabirleri bolsa hukukda yuridik berkidilmegi gazanyarlar.

Ahlak - adamlaryn hakyky oziini alyp barşyny we normalary, anyny oz işine alyan yagşy (hayyr) we yaman

(şer), adalatlatk we adalatsyzlyk we beyleki suna kriteritakaryn we ideallaryn nukdaynazaryndan durli hereketlerin we etmişlerin bahasyna esaslanyan jemgyyet9ilik durmuşynyfi ayratyn, hasiyetli sferasydyr.

Ahlak jemgyýetçilik hadysalaryna indiwidual dal-de, kollektiwileyin, ilkinji nobatda-da goz onunde tutyar. Toparlayyn, meselem, gatlak, synp, professional we ş.m ahlak bar bolsa-da, adat9a ol umumy adamzat ahlak prinsiplerinin (meselem wraçlaryn ahlak kodeksi) hasiyetli yiize 9ykmasy we dowiilmesi bolup yiize çykyar, ya-da jemgyyetin sosial dargamasy (раскол) (gullaryn ahlagy we gul eyelerinin, plebsifi we aristokratiyanyn ahlagy) bolup duryar, ya-da ahlagyn degenerasiyasyny, azmagyny (ownamaklyk) ("ogry ahlagy") oziinde hasiyetlendiryar, ya-da oziinin umumy adamzat neberesine degisjiligini anmak derejesine yetmedik, jemgyyetin ahlakly osiisinifi pes derejesine sayatlyk edyar. (adam iyyan (людоед) taypalaryn "ahlagy" yone bu yagdayda dine adatlar we dessurlar barada) ahlagyn ilkinji doreyişleri hokmiinde aytmak has dogry bolar. Ahlak adamyn yaşamagynyn, maksadynyfi we wezipesinin mazmunynyn kesgitli dus,iinilmesine esaslanyar. Onufi normalarynyn we talaplarynyn yerine yetirilmegi olara haysydyr bir goniiden-goni şahsy gidejini ya-da peydany wada bermeyar. Ahlakly oziini alyp barys. akgowiinlik (hoşniyetlik), yokary ynsanyyet motiwasiyalary bilen tapawutlanyar.

Şol bir wagtda-da ahlak ähli adamzat üçin utilitar bolup durýar. 01 - adam gatnaşyklarynyň köp asyrlaýyn tejribesini şöhlelendiryandigi we yerine yetirilmegi jemgyyet we biitiin adamzat \i9in zerur bolan şol bir talaplary fiksirleyandigi zerarly-adamzat neberesinin aman saklanmagynyfi s.erti bolup duryar.

Ahlakly anda bu talaplar ynandyrma owrulyarler, emosiyalar we erk bilen baglanyşyarlar, sahsyyetin, oziini alyp barşynyn sebaplerine, maksatlaryna, diiziimine we netijelerine, seyle hem beyleki adamlaryn hereketlerine baha bermeginin içki kriteriyalary bolyarlar. Taryhy tejribanifi gorkezisi yaly, ahlagy inkar etmek ahyrsofiy dine bir şahsyyetin dargamagyna dal, eysem, tutuş jemgyyetin degradasiyasyna (yaramazlasmagyna) getiryar.

Esasy ahlak gymmatlyklary absolýutdyr. Olar haýsydyr bir beýleki, has ýokary ykdysady, syýasy ýa-da beýleki gymmatlyklardan gelip çykmayarlar. Olaryň iň ýokary statusy adamyň öziniň, tutuş adamzat neslinin gymmatlygy bilen ölçenýär.

Ahlak indiwidual aňyň ösüşiniň ýeterlik ýokary derejesini, adamyň özüniň içki dünýäsiniň kömegi bilen özüni alyp barşyna we öz-özüne gözegçilik etmäge ukyplylygyny häsiýetlendirýär. Hukuk we syýasatdan tapawutlylykda ahlak özüniň amala aşyrylmagynda ykdysady regulýasiýa (sazlanma) ýaly tabşyryklaryň ýörite apparatynda ýa-da maddy gymmatlyklarynda zerurlyk çekmeýär. ýöne ahlaksyz özüni alyp baryş jemgyyet ya-da daş-towerekdakiler (yazgarma (осуждение), ostrakizm we ş.m.) tarapyndan kesgitli sanksiýalary aradan aýyrmasa-da, ahlagyň täsiri bitewiligine in esasysy ynsap bolup durýan şahsyýatiň öz-özüne gözegçilik etmeginiň içki, psihologiki mehanizmlerine esaslanýar.

## Ahlak ahlakly syýasy özüňi alyp barşyň ýokary sudýasy hökmünde.

Ynsap - bu adamyň öz-özüniň, beýleki adamlaryň, jemgyýetiň, bütün adamzadyň, Allanyň öňündäki

jogapkarçiliginiň emosinal başdan geçirmesidir. Ol - adamzat kalbynyň çuňluklaryndaky we indiwin hakyky özüni alyp barşyndaky adamkarçiligiň (ynsanperwerligin) ýol görkezijisidir. Ol - ähli ýagdaýlarda we aýratynda nirede syýasy we jemgyýetçilik gözegçiligi päsgelçilikli ýa-da mümkin däl ýagdaýlarynda şahsyýetiň öz-özüne gözegçilik etmegini üpjün edýän, adamyň içki sudýasydyr.

Ynsap adamyn has gizlin, içgin, gaýtalanmajak şahsy esaslaryny düzýär. Ondan ugur almak bilen indiwid öz şahsy adyndan, içki "megiňiň" pozisiýasyndan galan bütin dünýä, şol sanda öz-özüňi alyp barşyna baha berýär. Ynsap bilen layyklykda şahsyyetiň adamkarçilikli özüni alyp barşy gelip çykyar.

Ynsap indiwidi surudaki haýwanlykdan ýa-da ýokary paýhasly maşyndan, robotdan Adama öwürýär. Dini akyldarlar ony köplenç öz-özüne we özüniň adamlaryň we ýokary paýhasyň önündäki jogapkärçiligine akyl ýetirmage mümkinçilik berýän, adamlaryň kalbyndaky Hudaýtarapyn uçgun (искра) diyip atlandyrýarlar. Ýykylan (разрушенный) ahlakly öz-özüni regulirlemekli, ynsabyň yzasyndan, ezýet çekmeginden mahrum bolan adam jemgyýet we beýleki adamlar üçin howply, asosial jandara öwrülýär. Nasional - sosializmiň adamýigreniji syýasatyny geçirýän wagty Gitleriň özüniň esgerlerine ynsap diýip atlandyrylýan keselden halas edýändigini ynandyrmagy tötänden däldir.

Borç we adamyň özüni alyp barşynyň regulyasiyasynyň beýleki ahlakly mehanizmleri bilen birleşen ynsap, syýasatyň ynsanperwerliginiň has ynandyryjy (ygtybarly) kepili bolup ýüze çykyar. Şonuň üçin jemgyýetiň ösen ahlakly medeniýeti - demokratik syýasy gurluşyň zerur şertidir.

Jemgyýetde adamyň hereketleriniň ynsanperwer regulyasiyasynyň esasy sferasy hökmünde ahlagyň aýratynlyklary, onuň toparlaýyn, umumy adamzat häsiýeti, ahlak gymmatlyklaryň absolyut, uniwersal we ýokary statusy, onuň täsiriniň içki şahsy, ruhy-psihologik mehanizmleri - ahlak bilen syýasatyň aragatnaşyklarynyň saýgarylmagynda bularyň hemmesini göz öňünde tutmak zerurdyr.

## XIV. Ahlak we syyasat: umumylygy we ayratynlygy
## I. Syyasatyň we ahlagyň funksional umumylygy.

Adamyn özüni alyp barşynyň jemgyyetiň sektorlaryny regulýasiýasyna ýöriteleşme aýratynlyklary-da bar. Bu sferalaryň ikisi-de bir çeşmeden ösüp çykýarlar - bir tarapdan, adamyn indiwiduallygynyň we unikallygynyň arasyndaky gapma-garşylyk we onuň toparlaýyn tebigaty, jemgyýetde ýaşamaga "sezewar edilmegi" beýleki adamlar bolmazdan adam bolmagy bagtly bolmagy we hatda ýöne ýaşamaklygy, bar bolmaklygy - beýleki tarapdan.

Özüniň kanagatlandyrylmak mümkinçiliginden öňe geçýän köp dürli talaplaryň ösmegi aýratyn şahsyýetlere, şonuň ýaly-dabutin adamzat nesiline howup döredip indiwidde beýleki adamlaryň we tebigatyň hasabyna abadançylykdan peýdalanmaklyk isleginiň tutuş hataryny döredipdir. Munuň ýaly islegler bolsa adamda ýeterlik kändir. Bu - baýlyk we bähbitçilik, köp sanly we gymmatbahaly maddy abadançylygyň ählisine eýe bolmak meýilleri; beýleki adamlaryň üstünden höküмini ýöretmek, olary tabyn etmek we tebigatyň kanunlaryna garaman, agalyk etmek mümkinçiliginiň meýilleri (islegleri, höwesleri); şowketparazlyk, aýgyrlyk - şahsyýeti dargadyjy seksual talaplaryň

gipertrofirlenmegi (artykmaçlygy we seksual lezzetler obýektlerine eýe bolmak göreşini döredýän höwesleri (meýilleri).

Bu höwesleriň hemmesi adamzat nesliniň we aýratyn adamlaryň nesiliniň ownanaklyk (azmaklyk) howpuny döredýärler. Eýýäm aristotel bu zatlara düşünipdir: "Päk ahlaksyz adam iň biedep (näletkerde) we iň ýabany jandar, jynsy lezzete we iýmite gatnaşyklarynda bolsa ol eýýam her bir haýwandan-da ýaramaz bolýar" diýip ol ýazypdyr.

Ahlak adamlary onuň üçin howply isleglerden daşda saklaýar, indiwid bilen tutuş, jemgyýetçiligiň arasyndaky gapma-garşylyklaryň çözülmegine ýardam etýär. Siwilizasiýanyň başynda (на заре цивилизации) uly bolmadyk adam kollektiwleri (urug, taypa) däpleriň, dessurlaryň, dürli görnüşli gadagan etmeleriň we şunuň esasynda emele gelýän ahlagyň, şeýle hem maşgala we obşina ýaly sosial kontrolyň tebigy taryhy institutlaryň kömegi bilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary regulirlap we jemgyýetçilik düzgünini üpjün edip, syýasatsyz oňup bilipdirler. Jemgyýetde syýasy däl regulirlemegiň artykmaçlyk etmegi sosial deňligi (şonuň bilen konflikliligiň pes derejesini), oňka görä adamlaryň az sanly umumylygynyň we olaryň aragatnaşygynyň örän ýönekeý formalaryny göz öňünde tutýardy.

Wagtyň geçmegi, çylşyrymly sosial umumylyklaryň döremegi, emele gelmegi bilen adamlaryň özüni alyp barşynyň adaty ritual-ahlak formulary ýeterlik bolmandyr. önümçiligiň ösmegi we zähmetiň bölünmeginiň çuňlaşmagy, sosial konfliktleriň ýitileşmegi, jemgyýetiň, şol sanda adamlaryň aragatnaşyklarynyň formalarynyň çylşyrymlaşmagy, täze umumy işleriň döremegi, sosial kontrolyň däp bolan urug formalarynyň gowşamagy - bularyň hemmesi ýörite mejbur etme

apparatynyň üsti bilen adamlaryň özüni alyp barşyny regulirleýän aýratyn institut we işjenligiň gornüşi hökmünde syýasatyň ýüze çykmagyna getirdi.

Şeýlelikde, ahlagyň we syýasatyň esasy jemgyýetçilik funksiýalary gabat gelýär. Syýasatyň ahlagyňky ýaly, köplenç bu ynsanperwer meseleleri ýerine yetirmekden daş bolsa-da ähliumumy abadanlygy we sosial adalatlylygy goramaga dalaş etmage hemme esaslary bar. syyasat ahlagyn regulyatiw ýetmezçiliginin netijesinde, ona mahsus doldurgyç hokmunde döreýar. Bu fakty şöhlelendirip gadymyyetin akyldarlarynyn syyasaty etikanyň bir şahasy hökmünde seretmekleri tötänden däldir. Syýasatyn we ahlagyň bölünmegini we olar baradaky taglymatlary ilkinji gezek XV asyryň ahyrynda - XVI asyryn başynda Nikolo Makiawelli işläp düzüpdir.

Syýasat ahlakly öz-özüne gözegçilik etmegiň (самоконтроль) mehanizmleriniň maddylaşmagynyň, daşky görnüşiniň, obyektiwasiyasynyň formalary hökmünde ýüze çykyar. Meselem: ahlak üçin mahsus ynsabyň ezýet çekmek funksiyasyny bu ýerde öz baha bermeginiň kriteriýalaryny hukuk görnüşinde formulirlan we bellenen normalaryň bozulmagy açyk kesgitli sanksiýalary göz öňünde tutýan sud ýerine ýetirýär.

## Syýasat we ahlagyň arasyndaky tapawut.

Umumylyk elementlerine garamazdan syyasatyň ahlakdan prinsipial tapawutlary bar. olardan möhümleriniň biri syýasatyň konfliktliligi bolup durýar. Öň bellenip geçilişi ýaly, syýasat özünde tutuş jemgyýeti öz içine alýan we häkimiýetiň ulanylmagyny talap edýän toparlaýyn sosial konfliktleriň çözülmegine gönükdirilen işjeňligi häsiýetlendirýär. Ahlak bolsa adamlaryň arasyndaky gündelik indiwidual gatnaşyklary

häsiýetlendirýär, olardan bolsa adatça syýasy ýitilige baryp ýetmeýän aýratyn ýagdaýlardaky konfliktler bolup durýar.

Syýasatyň gönüden-göni çeşmesi adamlaryň, ilkinji nobatda-da iri sosial toparlaryň: milletleriň, synplaryň, gatlaklaryň we ş.m. ykdysady we beýleki bähbitleri bolup durýar. Ahlagyň gönüden-göni çeşmesi bolsa umumy adamzat, şeýle hem alyp barmagy (yzarlamagy) indiwide şahsy bähbidi wada bermeýän beýleki kollektiwleýin gymmatlyklary öňe çykyar. şonuň üçin özüni alyp barşyň ahlak we syýasy möhürleriniň arasyndaky bäsdeşlik - bu ruhy gymmatlyklaryň we gönüden-göni, ilki bilen hem maddy, şahsy bähbitleriň göreşidir.

Ahlagyň köp imperatiwleri öz hereketlerini şonuň bilen baglanyşdyrmaly, ýöne hakyky durmuşda kimdir birine oňa ýetmegiň başarjakdygy gümana bolan ideallaryň häsiýetini özünde saklaýarlar. Meselem: bütün ömrüne ýeke gezek hem ýalan aýtmadyk, dine hakykaty sozlan ýa-da kristian ahlak kadalaryna laýyklykda özüniň ýakynynyň her birini özüni söýşi ýaly söýen adamy tapmak başartmasa gerek.

Ahlakdan daşlaşmak - umumy ýaýran hadysadyr. "Kim sizden günäsiz bolsa, birinji bolup oňa daş zyňsyn!" - diýen sözler bilen Ysa pygammer ýoldan çykan azgyn aýaly berk ýazgarmaga synanyşan mähella ýüzlenipdir we adamlar hiç birisi özüni günäsiz hasaplap, oňa elini galdyrmandyr.

Ahlak imperatiwiniň abstrakt-normatiw häsiýetinde tapawutlylykda, syýasatyň talaplary konkret (takyk) we adatça bozulmagy üçin hakyky temmiler berilýän kanunlaryň formasyna eýedirler.

Syyasat daşarky we maksadalaýyk gönükdirilendir, ýagny kesgitli maksatlara, netijelere

ýetmage oriýentirlenendir. Ahlak bolsa etmişleriň subýektiw, içki başdan geçirmesine baha berýär. Onuň çuň gazanylan netijeleriň möhümliligi, ol etmişiň özi, onuň ýetilenine ýa-da ýetilmezligine garaşsyzlykda onuň motiwi, serişdeleri we maksatlary möhüm bolup durýar.

Moral elmydama indiwidualdyr, onuň subýekti we jogapkari -öz ahlak saýlawyny edýän aýratyn adam. Syýasat bolsa toparlaýyn, kollektiwleýin häsiýete eýedir. Munda indiwid synpyň, milletiň, partiyanyň we ş.m. wekilleri ýa-da bölegi bolup öňe çykýarlar. Onuň şahsy jogapkarçiligi kollektiw çözgütlere we hereketlere siňýän ýaly bolýar.

Syýasat situatiwdir. şowlulyga gönükdirilip, ol hakyky ýagdaýy maksada ýetmäge täsir etmäge ukyply ähli faktorlary hasaba almaga çagyrylandyr. Ahlak talaplary bolsa öz esasynda (özeninde) uniwersaldyrlar we düzgün bolşy ýaly, konkret ýagdaýdan garaşsyzdyrlar.

Syýasatyň iň esasy wajyp tapawutly aýratynlyklarynyň biri güýje daýanmak, ýerine ýetirilmedik talaplar üçin mejbur etme sanksiyalaryň ulanylmagy bolup durýar. M. Weberiň ýazyşy ýaly, syýasat "özüne juda mahsus serişde - arkasynda zorluk durýan häkimiýetiň üsti bilen hereket edýär".

Ahlak bolsa prinsipde zorlugy ýazgarýar we esasan ynsabyň "sanksiýalaryna" daýanýar. şahsy ynsap, aýratynda ol ösmedik, kämilleşmedik bolsa, adama hatda jenaýaty hem bagyşlap bilýär. Syýasat bolsa dine garşydaşlara we bozujylara jeza bermän, eýsem adamlarda gorky döredip, bigünäleri hem jyzalandyrýar.

Ýokarda bellenen syýasatyň ahlaga gatnaşygyndaky aýratynlyklar durmuş işjeňligiň bu sferalarynyň awtonomlylygyna şaýatlyk edýär we syýasat

bilen ahlagyň ylalaşyklylygy soragyna dürli düşündirmeleri bermäge esas döredýärler.

# EDEBIÝAT

1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.

2.Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.

3.Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.

4.Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.

5.Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.

6.Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.

7.Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek. – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.

8.Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.

9.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.

10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.

11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji

apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.

12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.

13. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.

14. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.

15. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.

16. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.

17. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.

18. Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby Doktrinasy. – Aşgabat, 2009.

19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin

mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.

20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.

21. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.

22. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.

23. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýzgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. - Aşgabat, 2007.

25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.

26. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.

27. Gurbanguly Berdimuhamedow. „Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy – 2007 ýyl“. - Aşgabat, 2008.

28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.

29. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ÿygyndysy. - Aşgabat, 2005.

30. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy.

Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna”. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.

31. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.

32. Этика политического успеха. М. 1997

33. Александрова В.И. Этика. 2000.

34. Введение политологию. М. 1996.

35. Мальцев В. Основы политологии. М. 2000.

36. Мухаев Р.Т. Основы политологии. М. 2000

37. Песресянц М.П. История политических и правовых учений. М. 1996.

38. История политических и правовых учений. М. 1997.

39. Краткий политический словарь. М. 1995.

Mazmuny:


Giriş.............................................................................................7-8

**I.** Galkynyş we türkmen jemgyýetiniň demokratiki özgerişi.........................................................................................9-17

**II.** Syýasy etika......................................................18-21

**III.** Türkmen halkynyň syýasy ýörelgeleriniň, däp-dessurlarynyň, ahlak we gözellik gymmatlyklarynyň onuň ruhy durmuşyndaky orny...........................................................21-23

**IV.** Syýasy medeniýet......................................24-28

**V.** Syýasy edep we sungat.........................................28-33

**VI.** Raýat jemgyýeti...........................................33-37

**VII.** Türkmen halkynyň syýasy ýörelgeleriniň milli taryhy kökleri we häzirki zaman esaslary barada...............37-39

**VIII.** Garaşsyzlyk ýyllarynda syýasy aňyýet.......39-40

**IX.** Jemgiýetçilik gatnaşyklarda maşgalanyň orny..........................................................................................40-44

**X.** Jemgiýetçilik gatnaşyklarynda maddy serişdeler....................................................................................44-49

**XI.** Ahlakly syýasat mümkinmi?.....................................................................49-62

**XII.** Ynsanperwerligiň (gumanizmiň) syýasy ýüze çykmasy..........................................................................62-65

**XIII.** Ahlak we syyasat: umumylygy we ayratynlygy.....................................................................65-74

**EDEBIÝAT…….........................................75-78**